**Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň başlygynyň 2011-nji ýylyň 08-nji iýunyndaky № 193 buýrugy bilen tassyklanyldy**

# Ýük gümrük deklarasiýasyny we üstaşyr deklarasiýasyny doldurmagyň tertibi hakynda gollanma

## I. Umumy düzgünler

1. Ýük gümrük deklarasiýasyny we üstaşyr deklarasiýasyny doldurmagyň tertibi hakynda gollanma (mundan beýläk - Gollanma) ýük gümrük deklarasiýasyny (mundan beýläk - ÝGD) we üstaşyr deklarasiýasyny (mundan beýläk - ÜD) aşakdaky bellenilen görnüşlerdäki blanklarda (1-nji goşundy) doldurmagyň kadalaryny kesgitleýär:

- «Ýük gümrük deklarasiýasy/Üstaşyr deklarasiýasy (GD1)» (mundan beýläk - esasy sahypa);
- «Ýük gümrük deklarasiýasyna/Üstaşyr deklarasiýasyna goşmaça sahypa (GD2)» (mundan beýläk - goşmaça sahypa).

2. ÝGD we ÜD türkmen dilinde doldurylýar. Daşary ýurtly şahslaryň atlarynyň we salgylarynyň latyn elipbiýiniň harplary bilen görkezilmegine ýol berilýär. Latyn elipbiýiniň harplaryny özünde saklaýan, harytlary doly beýan etmek üçin hyzmat edýän maglumatlar (haryt nyşany, artikul, kysym we şuňa meňzeşler), şeýle hem ulag serişdeleriniň belgileri, gatnaw belgileri, resminamalaryň belgileri we şolara meňzeş maglumatlar latyn elipbiýiniň harplaryny ulanmak bilen görkezilýär.

3. Esasy sahypa bir haryt barada maglumatlary mälim etmek üçin ulanylýar. Bir ÝGD-da we ÜD-da iki we ikiden köp harytlar barada maglumatlar malim edilende goşmaça sahypalar esasy sahypa goşmaça ulanylýar. Bir goşmaça sahypasynda üç haryt barada maglumatlary görkezip bolýar.

Bir ÝGD-da we ÜD-da 999-dan köp bolmadyk harytlar barada maglumatlar mälim edilip bilner.

Goşmaça sahypalaryndaky doldurylmadyk 31-nji öýjükleriň üsti çyzylmalydyr.

4. Eger şu Gollanma bilen, goşmaça sahypalaryň aýratyn öýjükleri üçin doldurmagyň aýratynlyklary bellenilmedik bolsa, goşmaça sahypalaryň öýjüklerini doldurmagynyň kadalary esasy sahypanyň degişli öýjüklerini doldurmagyň kadalaryna laýyk gelýär.

5. ÝGD-da we ÜD-da maglumatlary mälim etmek üçin Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň (mundan beýläk - Gümrük gullugy) kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda gümrük maksatlary üçin peýdalanylýan klassifikatorlar we kadalaşdyryjy-habar maglumatlaryň sanawlary ulanylýar.

6. ÝGD-da we ÜD-da mälim edilýän maglumatlar gümrük maksatlary üçin

zerur maglumatlar bolup durýar.

7. Gümrük gullugy aýratyn görnüşli harytlar üçin ÝGD-ny we ÜD-ny doldurmagyň aýratynlygyny bellemäge hukuklydyr.

## II. ÝGD-ny doldurmak boýunça umumy düzgünler

8. ÝGD dört sany esasy sahypalardan, şu Gollanma bilen göz öňünde tutulan halatlarynda bolsa, goşmaça sahypalaryndan hem ybaratdyr.

Gümrük gullugynyň bellän halatlarynda, gümrük maksatlary üçin zerur bolan mahalynda sahypalaryň köp sany ulanyp bilner.

9. **Bir ÝGD-da bir haryt tapgyrynda bolup**, şol bir gümrük düzgünine ýerleşdirilýän harytlar barada maglumatlar mälim edilýär.

Bir haryt tapgyrynda bolan harytlar barada maglumatlary, şol bir gümrük edarasyna berilýän, birnäçe ÝGD-larda deklarant ýa-da gümrük dellaly mälim etmäge hukuklydyr, haçanda bir haryt tapgyryna girýän harytlar, Garaşsyz Döwletleriniň Arkalaşygynyň Daşary ykdysady işiň haryt nomenklaturasyna (mundan beýläk - DYI HN) Düşündirme bermegiň 2a esasy kadasyna laýyklykda, ýygnalmadyk ýa-da sökülen görnüşinde bolan harydy düzüjiler hökmünde garalan, we toplanan ýa-da tamamlanan haryda laýyk gelýän, DYI HN-nyň pozisiýasynda toparlara bölünmäge degişli bolan halaty muňa girmeýär.

Aşakdakylar bir haryt tapgyry bolup durýarlar:

a) harytlar Türkmenistanyň gümrük çägine getirilende - daşary ykdysady geleşik amala aşyrylanda baglaşylan **bir şertnama boýunça** (ýa-da gaýtadan işlemegiň önümleri deklarirlenende harytlary gaýtadan işlemek rugsadynyň biri boýunça) borçlaryň ýerine ýetirilmeginiň ýa-da birtaraplaýyn daşary ykdysady geleşigiň hasabyna, ýa-da hiç-hili geleşik baglaşmazdan, şol bir iberijiden Türkmenistanyň gümrük çägindäki şol bir alyjynyň salgysyna daşalýan harytlar, bu harytlar babatda aşakdaky şertler bir wagtda ýerine ýetirilende:

- harytlar, Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň 79-njy maddasynda göz öňünde tutulan, möhletleriň çäginde Türkmenistanyň gümrük çägine gelýän ýerinde ýa-da eltilmeli ýerinde (eger içerki gümrük üstaşyrynyň amaly ulanylan bolsa) şol bir gümrük edarasyna görkezilende;

- deklarirlenilýän harytlar babatda wagtlaýyn saklanylmagynyň amaly ulanylanda, harytlar şol bir ýerde wagtlaýyn saklanyşda duran (saklanylan) bolsa;

b) harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilende:

- daşary ykdysady geleşik amala aşyrylanda baglaşylan **bir şertnama boýunça** (ýa-da gaýtadan işlemegiň önümleri deklarirlenilende harytlary gaýtadan işlemek rugsadynyň biri boýunça) borçlaryň ýerine ýetirilmeginiň, ýa-da birtaraplaýyn daşary ykdysady geleşigiň hasabyna, ýa-da hiç-hili geleşik baglaşmazdan, şol bir gümrük edarasynyň iş zolagynda şol bir iberiji tarapyndan, Türkmenistanyň çäginden daşarda ýerleşýän, şol bir alyjynyň salgysyna bir wagtda ýüklenilip iberilýän (ýa-da döwürleýin ýa-da döwürleýin wagtlaýyn deklarirlemek ulanylanda kesgitlenilen wagtyň dowamynda ýüklenilip iberilýän) harytlar;

ç) Türkmenistanyň gümrük serhedinden harytlar geçirilmezden, ilkibaşda mälim edilen gümrük düzgüni üýtgände ýa-da onuň hereketi tamamlananda:

- bir şertnama boýunça, eger daşary ykdysady geleşik amala aşyrylanda degişli şertnama baglaşylan bolsa, (ýa-da harytlary gaýtadan işlemek rugsadynyň biri boýunça) şol bir ilkibaşdaky gümrük düzgünine ýerleşdirilen, şol bir gümrük edarasynyň gümrük gözegçiliginde bolan harytlar, we bu harytlaryň deklaranty harytlary ilkibaşdaky gümrük düzgünine ýerleşdiren şahs ýa-da deklarirlenilýän harytlara olar ilkibaşdaky gümrük düzgünine ýerleşdirilenden soň emläk hukugyny alan şahs bolup durýan bolsa.

10. Bir haryt tapgyryndaky harytlar dürli gümrük düzgünlerine ýerleşdirilende, her bir gümrük düzgünine aýratyn ÝGD-lar berilmelidir.

11. Gümrük-tarif düzgünleşdirmegiň, gadaganlyklaryň hem-de çäklendirmeleriň bir meňzeş şertleri ulanylmaga degişli bolan, bir haryt tapgyrynyň düzümindäki, DYI HN boýunça bir dokuz belgili toparlara bölüniş koduna degişli edilen, bir ýurtdan ýa-da bir ykdysady bileleşigiň ýa-da birleşigiň çäginden gelip çykan, ýa bolmasa gelip çykan ýurdy belli bolmadyk bir (söwda, täjirçilik) atly harytlar bir haryt ýaly deklarirlenilýärler.

12. ÝGD şu Gollanmada getirilen doldurmagyň kadalaryna laýyklykda doldurylýar we çap ediji enjamyň ulanylmagy bilen düşnükli çap edilýär, onda bozulyp aýrylan we çyrşalan ýazgylar bolmaly däldir.

ÝGD doldurylanda onuň elektron nusgasy döredilýär, ondaky maglumatlar ÝGD-daky maglumatlara laýyk gelmelidir we ol gümrük edarasyna ÝGD bilen bilelikde berilýär.

Deklarant ÝGD-ny doldurmak we onuň elektron nusgasyny döretmek üçin ulanylýan programma önümini gümrük edarasyndan muzdsuz esasda alyp biler.

Gümrük gullugynyň kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen ÝGD-nyň berilmegi arkaly harytlar deklarirlenilende ÝGD-nyň elektron nusgasy bolmazdan onuň berilmeginiň mümkinçiligi bellenilen aýratyn halatlarda ÝGD-da maglumatlar basma baş harplar bilen elde girizilip bilner.

13. Eger öýjüklerde maglumatlary mälim etmek üçin ýa-da gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan gulluk belliklerini goýmak üçin ýeterlik ýer bolmasa, onda zerur bolan maglumatlar, ÝGD-nyň aýrylmaz bölegi bolup durýan, A4 görnüşdäki goşmaça goşulýan sahypalarda (mundan beýläk - ÝGD-ä goşmaça) görkezilmäge degişlidir. ÝGD-ä goşmaçanyň hemme sahypalary belgilenilmelidir. Şunda, ÝGD-nyň degişli öýjüginde (öýjügiň setirinde) «___sahypaly___-nji (njy) goş. seret» diýen ýazgy edilmelidir.

Her ÝGD-ä goşmaçanyň sany ÝGD-nyň nusgalarynyň sanyna gabat gelmelidir.

ÝGD-ä goşmaçanyň her sahypasynda aşakdakylary görkezmek zerur:

- ýokarky sag böleginde «___________belgili ÝGD-ä __-nji (njy) goşmaça»;

- «__-nji (njy) haryt» ýazgy görnüşinde deklarirlenilýän harydyň tertip belgisi we her haryt boýunça - öýjügiň tertip belgisi we doldurmagyň kadalaryna laýyklykda bu öýjüge girizilýän maglumatlar.

Eger ÝGD-ä goşmaçany deklarant ýa-da gümrük dellaly düzen bolsa, ÝGD-ä goşmaçanyň her nusgasy aşaky sag böleginde ÝGD-ny dolduran şahs tarapyndan ýa-da bu şahsyň şoňa ygtyýary bolan işgäri tarapyndan gol çekilip,

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ÝGD-ny düzen şahsyň möhüri bolmaly bolsa, möhürini goýmak arkaly tassyklanylmalydyr.

ÝGD-ä goşmaçany gümrük edarasynyň wezipeli adamy düzen bolsa, ÝGD-ä goşmaçanyň her nusgasy aşaky sag böleginde wezipeli adam tarapyndan gol çekilip belgili şahsy möhürini goýmak arkaly tassyklanylmalydyr.

ÝGD-nyň elektron nusgasyna ÝGD-ä goşmaçalarda bar bolan hemme maglumatlar girizilmelidir.

14. Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň 83-nji maddasynda göz öňünde tutulan şertler berjaý edilende, Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň 92-nji maddasynyň düzgünleri ulanylýan mahalynda, ÝGD-da mälim edilen maglumatlara üýtgetmeler we (ýa-da) goşmaçalar girizilip bilner.

ÝGD-daky maglumatlara üýtgetmeler we (ýa-da) goşmaçalar el bilen ÝGD-ny dolduran şahs tarapyndan girizilip bilner. Şunda, üýtgedilýän ýa-da düzedilýän maglumatlaryň, indiki tesimde kesgitlenilen halatlardan başga ýagdaýlarda, üsti çyzylýar we ýanynda, şol öýjükde, täze maglumatlar düşnükli girizilmelidir. Her bir üýtgetme, goşmaça, şeýle üýtgetmeleri, goşmaçalary girizen şahsyň goly bilen, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ÝGD-ny düzen şahsyň möhüri bolmaly bolsa, möhürini goýmak ýoly arkaly tassyklanylmalydyr. Gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan ÝGD-daky maglumatlara girizilen üýtgetmeler we (ýa-da) goşmaçalar, üýtgetmeleri we (ýa-da) goşmaçalary girizen, gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan sene görkezilip, belgili şahsy möhüri goýmak bilen gol çekilip tassyklanylmalydyr.

Eger şeýle üýtgetmeler, goşmaçalar ÝGD-ny düşnüksiz we kyn okalýan etjek bolsa ýa-da olar harytlar goýberilenden soň girizilende, şeýle hem Türkmenistanyň gümrük kodeksiniň 85-nji maddasyna laýyklykda ýetmeýän maglumatlar berlen halatynda gümrük deklarasiýasyny düzediş (mundan beýläk - GDD1) we zerur bolanda oňa goşmaça sahypalar (mundan beýläk - GDD2) ulanylmalydyr. GDD1 (GDD2) esasy sahypanyň (goşmaça sahypanyň) täze blankyny doldurmak arkaly üç nusgada düzülýär. GDD1 (GDD2) doldurylanda onuň elektron nusgasy döredilýär.

GDD1-iň (GDD2-iň) degişli öýjüklerine ÝGD-dan bellige alnyş belgisi, deklarant barada maglumatlar (GDD2-de görkezilmeýär) we harydyň tertip belgisi, girizilýän üýtgetmeler, goşmaçalar barada maglumatlar geçirilýär. Üýtgedilen, goşmaça girizilen maglumatlar GDD1-iň (GDD2-iň) degişli öýjüklerine girizilýär.

Üýtgedilen, goşmaça girizilen maglumatlar GDD1-iň 54-nji öýjüginde we GDD-2-iň her sahypasynda öýjükleriň aşagyndaky setirde ÝGD-ny düzen şahsyň ýa-da bu şahsyň şoňa ygtyýarlyklary bolan işgäriniň goly bilen, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ÝGD-ny düzen şahsyň möhüri bolmaly bolsa, möhürini goýmak ýoly arkaly tassyklanylmalydyr.

ÝGD-na üýtgetme we (ýa-da) goşmaça girizilen hemme halatlarda gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan harydyň tertip belgisi hem-de üýtgetmeler we (ýa-da) goşmaçalar girizilen öýjükleriň belgileri görkezilip, ÝGD-nyň («1/6», «2/7», «3/8» belgili) esasy sahypalarynyň we GDD1-iň «C» öýjüginde sene görkezilip, gol çekilýär we belgili şahsy möhürini goýmak bilen «______ öýjükler düzedildi» diýen ýazgy görnüşinde bellik edilýär. GDD2-iň «C» öýjüginde gol

çekilip, sene we belgili şahsy möhür goýulýar. Şunda, GDD1 (GDD2) ÝGD-nyň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

15. Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň 84-nji maddasyna laýyklykda ÝGD-nyň yzyna gaýtarylyp alynmagy üçin rugsat berlende, gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan «1/6», «2/7», «3/8», «4/5» belgili esasy sahypalaryň «C» öýjüginde, gümrük edarasynyň wezipeli adamynyň goly we belgili şahsy möhüri bilen tassyklanylýan, ÝGD-nyň yzyna gaýtarylyp alynmagy üçin berlen rugsadynyň senesi görkezilip «ÝGD yzyna gaýtarylyp alyndy» diýen ýazgy edilýär.

16. Harytlaryň goýberilmegi (şertleýin goýberilmegi) hakynda, harytlaryň goýberilmegini gadagan etmek hakynda çözgüt kabul edilenden soň, Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän türkmen harytlaryny gümrük düzgünine ýerleşdirmek hakynda rugsat berlenden soň, şeýle hem ÝGD-nyň yzyna gaýtaryp alynmagy üçin rugsat alandan soň:

a) «1/6» we «2/7» belgili esasy we goşmaça sahypalar gümrük edarasynda galýar;

b) «3/8» we «4/5» belgili esasy we goşmaça sahypalar deklaranta gaýtarylyp berilýär we şunda harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden harytlaryň alnyp gidilmegi göz öňünde tutulýan gümrük düzgünine ýerleşdirilende, «4/5» belgili esasy we goşmaça sahypalary harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden gidýän ýerinde ýerleşýän gümrük edarasyna berilýär.

Harytlar harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden gidýän ýerinde ýerleşýän birnäçe gümrük edaralaryň üsti bilen we (ýa-da) wagtyň kesgitli döwrüniň dowamynda bölekleýin alnyp gidilen halatynda Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň 85, 86 we 88-nji maddalaryna laýyklykda deklarirlemegiň ýönekeýleşdirilen tertibi ulanylanda, harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden gidýän ýerinde ýerleşýän gümrük edarasyna ÝGD-nyň «3/8» belgili esasy we goşmaça sahypalarynyň deklarant tarapyndan tassyklanan göçürme nusgalarynyň berilmegine ýol berilýär.

17. Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň 80-nji maddasynyň dördünii bölegine ýa-da 88-nji maddasynyň ýedinji bölegine laýyklykda ÝGD berilmedik hasaplananda «1/6», «2/7», «3/8», «4/5» belgili esasy sahypalaryň **«C» öýjüginde gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan, ÝGD-nyň ýuridik ähmiýeti bolan faktlara şaýatlyk edýän mälim etme bolmagyny bes eden senesi görkezilip «ÝGD berilmedik hasaplanýar» diýen ýazgy edilýär. Bu ýazgy gümrük edarasynyň wezipeli adamynyň goly we belgili şahsy möhüri bilen tassyklanylýar.**

## III. ÜD-ny doldurmak boýunça umumy düzgünler

18. ÜD «1/6» we «4/5» belgili iki sany esasy sahypalardan, şu Gollanma bilen göz öňünde tutulan halatlarynda bolsa, «1/6» we «4/5» belgili goşmaça sahypalaryndan hem ybaratdyr.

Gümrük gullugynyň bellän halatlarynda, gümrük maksatlary üçin zerur bolan mahalynda sahypalaryň köp sany ulanyp bilner.

19. Bir ÜD-da bir haryt tapgyrynda bolan harytlar barada maglumat mälim edilip bilner. Şunda bir iberijiden bir alyjynyň salgysyna bir ulag (daşaýyş) resminamasy boýunça daşalýan harytlara bir haryt tapgyry hökmünde garalýar.

20. ÜD çap ediji enjamynyň ulanylmagy bilen çap edilýär. ÜD düşnükli doldurylmalydyr, onda bozulyp aýrylan we çyrşalan ýazgylar bolmaly däl. ÜD-ä düzedişler çap ediji enjamynyň ulanylmagy ýa-da basma baş harplar bilen elde girizilip bilner. Her bir düzediş düzedişi girizen şahsyň goluny, şeýle hem gümrük edarasynyň wezipeli adam tarapyndan belgili şahsy möhürini goýmak arkaly tassyklanylmalydyr. Gümrük edarasy zerur bolan mahalynda täze ÜD-nyň doldurylmagyny talap edip bilýär.

ÜD-nyň elektron nusgasynyň döredilmegine mümkinçilik bolan mahalynda, ol ÜD bilen bilelikde gümrük edarasyna berilýär.

21. Ugradylyş gümrük edarasy tarapyndan harytlary içerki gümrük üstaşyrynyň amalyna ýa-da gümrük üstaşyry gümrük düzgünine ýerleşdirmäge rugsat (mundan beýläk - gümrük üstaşyryna rugsat) berlenden soň we ulag serişdesiniň eltilmeli ýerine barýan pursadyna çenli harydyň ýany bilen iberilýän ÜD-nyň, Türkmenistanyň gümrük kanunçylygy bilen kesgitlenilen ýagdaýlarda, esasy sahypasynyň 55-nji öýjügine kesgitlenilen maglumatlar girizilip bilner. Bu maglumatlar harytlar bilen ýük operasiýalarynyň geçirilmegine degişli bolýar we gümrük üstaşyryna rugsat alan şahs tarapyndan girizilýär. Maglumatlar basma harplar bilen elde girizilip bilner.

55-nji öýjük ýük operasiýalary geçirilende, ÜD-nyň 50-nji öýjüginde görkezilen şahsyň çalyşmadyk halatynda doldurylýar.

22. Eger ýük operasiýalarynyň geçirilmegi netijesinde we (ýa-da) başga sebäplere görä ÜD-nyň 50-nji öýjüginde görkezilen şahs çalyşsa, şeýle hem Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynda göz öňünde tutulan başga halatlarda, harytlar bolsa şunda Türkmenistanyň gümrük çäginden soňraky daşalmagyna degişli bolsa, onda gümrük üstaşyryna rugsady almak üçin täze ÜD-nyň doldurylmagy zerur.

23. Eger öýjükde maglumatlary mälim etmek üçin ýa-da gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan gulluk belliklerini goýmak üçin ýeterlik ýer bolmasa, onda zerur bolan maglumatlar, ÜD-nyň aýrylmaz bölegi bolup durýan, A4 görnüşdäki goşmaça goşulýan sahypalarda (mundan beýläk - ÜD-e goşmaça) görkezilmäge degişlidir. Şunda, ÜD-nyň degişli öýjüginde «___sahypaly___-nji (njy) goş. seret» diýen ýazgy edilmelidir.

ÜD-e goşmaça iki nusgada düzülýär we ÜD-e goşmaçanyň hemme sahypalary belgilenilmelidir.

ÜD-e goşmaçanyň her sahypasynda aşakdakylary görkezmek zerur:

- ýokarky sag böleginde «___________belgili ÜD-e __-nji (njy) goşmaça»;

- «__-nji (njy) haryt» ýazgy görnüşinde mälim edilýän harydyň tertip belgisi we her haryt boýunça - öýjügiň tertip belgisi we doldurmagyň kadalaryna laýyklykda bu öýjüge girizilýän maglumatlar.

ÜD-e goşmaça gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan düzülende, ÜD-e goşmaçanyň hemme nusgasynyň her sahypasy aşaky sag böleginde wezipeli adam tarapyndan gol çekilip belgili şahsy möhürini goýmak arkaly

tassyklanylmalydyr.

Başga halatlarda ÜD-e goşmaçanyň hemme nusgasynyň her sahypasy aşaky sag böleginde gümrük üstaşyryna rugsat alýan şahsyň goly, şeýle hem ÜD-ny dolduran şahsyň goly, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ÜD-ny düzen şahsyň möhüri bolmaly bolsa, möhürini goýmak arkaly tassyklanylmalydyr.

24. Harytlar içerki gümrük üstaşyrynyň amalyna ýa-da gümrük üstaşyry gümrük düzgünine ýerleşdirilende:

a) ÜD-nyň doldurylan we resmileşdirilen «1/6» belgili esasy we goşmaça sahypalary iberiş gümrük edarasynda galýar;

b) ÜD-nyň doldurylan we resmileşdirilen «4/5» belgili esasy we goşmaça sahypalary gümrük üstaşyryna rugsat alan şahsa gaýtarylyp berilýär we barmaly gümrük edarasyna berilmegi üçin içerki gümrük üstaşyrynyň amalynyň ýa-da gümrük üstaşyry gümrük düzgüniniň maksatlary üçin ulanylýar;

25. Harytlar gümrük üstaşyry gümrük düzgünine ýerleşdirilende, gümrük üstaşyryna rugsat alýan şahs tarapyndan gümrük edarasyna harytlar hakynda maglumatlary ÜD-da mälim etmegi harytlaryň deklarirlenilmegi bolup durýar we şunda ÜD gümrük deklarasiýasy hasap edilýär.

26. Gümrük üstaşyryna rugsat alýan şahsyň beren resminamalaryndaky maglumatlara laýyklykda, ÜD-nyň gümrük dellaly tarapyndan doldurylmagyna ýol berilýär.

27. **Içerki gümrük üstaşyry ýa-da gümrük üstaşyry gümrük düzgüni tamamlanandan soň ÜD-nyň «4/5» belgili nusgasy barmaly gümrük edarasynda galýar.**

28. Gümrük üstaşyryna rugsadyň alynmagy üçin ÜD-nyň berilmeginiň zerurlygyny Türkmenistanyň gümrük kanunçylygyna laýyklykda Gümrük gullugy kesgitleýär.

## IV. Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän (getirilen) harytlar deklarirlenende ÝGD-ny doldurmagyň kadalary

29. Şu kadalar aşakdaky ýagdaýlarda ÝGD doldurylanda ulanylýar:

a) aşakdaky gümrük düzgünlerine ýerleşdirilýän harytlar üçin:

- erkin dolanyşyga goýbermek;
- gümrük çäginde gaýtadan işlemek;
- erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemek;
- wagtlaýyn getirmek;
- gümrük ammary (daşary ýurt harytlaryna degişlilikde);
- erkin gümrük zolagy (erkin ammar) (daşary ýurt harytlaryna degişlilikde);
- reimport;
- ýok etmek;
- döwletiň haýryna ýüz öwürmek;
- paçsyz söwda (daşary ýurt harytlaryna degişlilikde);

b) Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň 210-njy maddasynyň 2-nji bendi bilen bellenilen ýörite gümrük düzgünine laýyklykda, tebigy heläkçilikleriň we başga adatdan daşary ýagdaýlaryň netijelerini öňüni almak we ýok etmek üçin

niýetlenilen daşary ýurt harytlaryna, şol sanda adatdan daşary ýagdaýlaryň netijesinde heläkçilik çeken adamlara mugt paýlamak üçin niýetlenilen harytlar we awariýa-halas ediş we beýleki gaýragoýulmasyz işleriň geçirilmegi üçin hem-de awariýa-halas ediş birlikleriniň iş ukyplylygy üçin zerur bolan harytlar;

ç) Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynda göz öňünde tutulan başga ýagdaýlarda.

30. Deklarant ýa-da gümrük dellaly tarapyndan 1, 2, 3, 4, 5, 6, 7, 8, 9, 11, 12, 14, 15, 15 (a; b), 16, 18, 19, 20, 21, 22, 23, 24, 25, 26, 29, 30, 31, 32, 33, 34, 35, 36, 37, 38, 39, 40, 41, 42, 43, 44, 45, 46, 47, «B», 48, we 54-nji öýjükler aşakdaky kadalara laýyklykda doldurylýar:

**1-nji öýjük. «Deklarasiýa»**

Öýjügiň birinji kiçi böleginde «IM» harplaryny goýmak zerur. Öýjügiň ikinji kiçi böleginde Gümrük düzgünleriniň klassifikatory (2-nji goşundy) boýunça mälim edilýän gümrük düzgüniniň iki belgili koduny goýmak zerur.

Öýjügiň üçünji kiçi bölegi doldurylmaýar.

**2-nji öýjük. «Iberiji/Eksport ediji»**

Öýjüge ulag (daşaýyş) resminamasynyň degişli öýjüginden haryt iberiji barada maglumatlary geçirmeli: onuň guramaçylyk-hukuk görnüşini görkezmek bilen, ady hem-de Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda, iberijiniň ýerleşýän ýeriniň ýurdunyň gysga adyny goşmak bilen ýerleşýän ýeri (fiziki şahs üçin - familiýasy, ady, atasynyň ady we salgysy).

**3-nji öýjük. «Sahypalar»**

Esasy sahypanyň öýjüginiň birinji kiçi böleginde bir - «1» sany görkezilýär, goşmaça sahypada bolsa, iki - «2» sandan başlap, goşmaça sahypanyň tertip belgisi görkezilýär.

Öýjügiň ikinji kiçi böleginde ÝGD-da ulanylan (esasy we goşmaça) sahypalaryň umumy sany görkezilýär.

**4-nji öýjük. «Ýükläp ugradyş ýöriteleşmeleri»**

Öýjük deklarirlenilýän harytlar barada haýsy-da bolsa bir maglumatlar, harytlar deklarirlenen mahalynda ÝGD bilen bir wagtda berilýän, ýükläp ugradyş ýöriteleşmelerinde, sanawlarda we şular ýaly beýleki resminamalarda bar bolanda doldurylýar.

Berilýän ýöriteleşmeleriň, sanawlaryň we şular ýaly beýleki resminamalaryň umumy sany görkezilýär, «/» bölüji belgisinden soň bolsa bu resminamalaryň umumy sahypa sany görkezilýär.

**5-nji öýjük. «Harytlar»**

ÝGD-da doldurylýan 31-nji öýjükleriň sany görkezilýär.

**6-njy öýjük. «Jemi orun»**

Öýjükde deklarirlenilýän harytlaryň ýük orunlarynyň umumy mukdaryny

görkezmek zerur.

Harytlar gapgarylyp, guýlup ýa-da üýşürilip daşalanda we ulag (daşaýyş) resminamalarynda ýük orunlarynyň mukdary kesgitlenilmedik bolsa, öýjükde «0» (nol) görkezilýär.

**7-nji öýjük. «Habar beriji belgi»**

Öýjükde çep tarapdan Harytlaryň deklarirlenilmeginiň aýratynlyklarynyň klassifikatoryna (3-nji goşundy) laýyklykda harytlaryň deklarirlenilmeginiň aýratynlygynyň harply kody goýulýar.

**8-nji öýjük. «Alyjy»**

Öýjüge ulag (daşaýyş) resminamasynyň degişli öýjüginden harytlaryň alyjysy barada maglumatlary geçirmeli: onuň guramaçylyk-hukuk görnüşini görkezmek bilen, ady we ýerleşýän ýeri (fiziki şahs üçin - familiýasy, ady, atasynyň ady we salgysy).

Goşmaça sahypanyň «2 Iberiji/Eksport ediji 8 Alyjy» öýjügine ulag (daşaýyş) resminamasynyň degişli öýjüginden harytlaryň alyjysy barada maglumatlary - onuň adyny (fiziki şahsyň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny) geçirmeli.

Eger deklarirlenilýän harytlar babatda halkara daşalmasy Türkmenistanyň gümrük çäginde başga ulag serişdesine düşürilip ýüklemek bilen amala aşyrylan bolsa, alyjy barada maglumatlar içerki gümrük üstaşyrynyň amaly amala aşyrylan ulag resminamasynyň degişli öýjüginden geçirilýär.

Harytlary alyjy barada aşakdaky maglumatlar öýjüge goşmaça girizilýär:

1) öýjügiň ýokarky böleginde «№» belgiden soň, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda alyja berlen, Hojalyk subýektleriniň umumy klassifikatoryna laýyklykda kody (mundan beýläk - HSUK kody), Türkmenistanyň dolandyryş edaralarynyň işleriniň döwlet klassifikatory boýunça kody (mundan beýläk - DEIDK kody) we Türkmenistanyň eýeçilik görnüşleriniň döwlet klassifikatory boýunça kody (mundan beýläk - EGDK kody) (ýokarda görkezilen maglumatlaryň aralarynda «/» bölüji belgisini girizmek bilen) goýulýar;

2) öýjügiň aşaky böleginde «№» belgisi goýulýar we aşakdakylar görkezilýär:

- eger alyjy ýuridik şahs ýa-da onuň aýrybaşgalanan düzüm birligi bolsa - Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda alyja berlen hususy salgyt belgisi (mundan beýläk - HSB);

- eger alyjy fiziki şahs, şol sanda Türkmenistanyň çäginde hususy telekeçi hökmünde bellige alnan bolsa - harytlaryň alyjysy bolup durýan fiziki şahsyň HSB we onuň şahsyýetini tassyklaýan resminama barada maglumat.

Eger ilkibaşda mälim edilen gümrük düzgüni üýtgände ýa-da onuň hereketi tamamlananda, deklarirlenilýän harytlar babatda halkara daşalmasy amala aşyrylmadyk bolsa, öýjükde deklarirlenilýän harytlara, şol sanda Türkmenistanyň gümrük çäginde ilkibaşda başga gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlara emläk hukugyny alan we gümrük düzgüniniň şertlerine laýyklykda harytlardan peýdalanmaga rugsady bolan şahs barada maglumatlar, ýokarda sanalyp geçilen

kadalara laýyklykda görkezilýär.

**9-njy öýjük. «Maliýe taýdan düzgünleşdirilmäge jogapkär şahs»**

Öýjükde aşakdaky şahslaryň biri barada maglumatlary görkezmek zerur:

- harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmegine esas bolan, daşary ykdysady geleşik amala aşyrylanda satyn almak-satmak (alyş-çalyş) şertnamasyny ýa-da başga islendik şertnamany baglaşan Türkmenistanyň şahsy barada (ýa-da onuň adyndan ýa bolmasa onuň tabşyrygy boýunça şu şertnama baglaşylan);

- taraplaryň biri bolup Türkmenistanyň şahsy çykyş edýän daşary ykdysady geleşigiň çäklerine girmeýän, Türkmenistanyň gümrük çäginde harytlara ygtyýarlyk etmäge hukugy bolan daşary ýurtly şahs barada;

- eger deklarirlenilýän harytlar Türkmenistanyň gümrük çägine birtaraplaýyn daşary ykdysady geleşigiň çäklerinde (degişli şertnama baglaşmazdan) getirilende, ÝGD-nyň berilýän pursadynda deklarirlenilýän harytlaryň eýesi ýa-da eýelik edýän şahs barada;

- deklarirlenilýän harytlara, şol sanda Türkmenistanyň gümrük çäginde ilkibaşda başga gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlara emläk hukugyny alan we gümrük düzgüniniň şertlerine laýyklykda harytlardan peýdalanmaga rugsady bolan şahs barada.

Şunda guramaçylyk-hukuk görnüşini görkezmek bilen şahsyň adyny we ýerleşýän ýerini (fiziki şahs üçin - familiýasyny, adyny, atasynyň adyny we salgysyny) görkezmek zerur.

Ýokarda görkezilen şahs barada aşakdaky maglumatlar öýjüge goşmaça girizilýär:

1) öýjügiň ýokarky böleginde «№» belgiden soň, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şahsa berlen, HSUK kody, DEIDK kody we EGDK kody (ýokarda görkezilen maglumatlaryň aralarynda «/» bölüji belgisini girizmek bilen) goýulýar;

2) öýjügiň aşaky böleginde «№» belgisi goýulýar we aşakdakylar görkezilýär:

- ýuridik şahs ýa-da onuň aýrybaşgalanan düzüm birligi üçin - Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şahsa berlen HSB;

- fiziki şahs üçin, şol sanda Türkmenistanyň çäginde hususy telekeçi hökmünde bellige alnan bolsa - fiziki şahsyň HSB we onuň şahsyýetini tassyklaýan resminama barada maglumat.

**11-nji öýjük. «Söwda edýän ýurt»**

Öýjügiň çep kiçi böleginde Türkmenistanyň şahsynyň amala aşyran daşary ykdysady geleşigi boýunça (şol sanda ilkibaşda saýlanyp alnan gümrük düzgüni üýtgände ýa-da onuň hereketi tamamlananda) onuň hyzmatdaşy bolup çykyş edýän şahsyň bellige alnan ýa-da hemişe ýaşaýan ýeriniň ýurdunyň Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda iki belgili harply kody görkezilýär.

Öýjügiň sag kiçi bölegi doldurylmaýar.

**12-nji öýjük. «Umumy gümrük bahasy»**

Öýjükde, esasy we goşmaça sahypalarynyň 45-nji öýjüklerinde mälim edilen, hemme harytlaryň gümrük bahalarynyň möçberlerini jemlemek arkaly alynýan, ÝGD-da deklarirlenilýän harytlaryň umumy gümrük bahasy Türkmenistanyň milli walýutasynda görkezilýär.

**14-nji öýjük. «Deklarant»**

Öýjükde harytlaryň deklaranty barada maglumatlary görkezmek zerur: deklarantyň guramaçylyk-hukuk görnüşini görkezmek bilen onuň ady we ýerleşýän ýeri (fiziki şahs üçin - familiýasy, ady, atasynyň ady we salgysy).

Deklarant barada aşakdaky maglumatlar öýjüge goşmaça girizilýär:

1) öýjügiň ýokarky böleginde «№» belgiden soň, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda deklaranta berlen, HSUK kody, DEIDK kody we EGDK kody (ýokarda görkezilen maglumatlaryň aralarynda «/» bölüji belgisini girizmek bilen) goýulýar;

2) öýjügiň aşaky böleginde «№» belgisi goýulýar we aşakdakylar görkezilýär:

- eger deklarant ýuridik şahs ýa-da onuň aýrybaşgalanan düzüm birligi bolsa - Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda deklaranta berlen HSB;

- fiziki şahs üçin, şol sanda Türkmenistanyň çäginde hususy telekeçi hökmünde bellige alnan bolsa - fiziki şahsyň HSB we onuň şahsyýetini tassyklaýan resminama barada maglumat.

**15-nji öýjük. «Iberiş ýurdy»**

Öýjükde harytlary iberiş ýurdunyň Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda gysga adyny görkezmek zerur.

Harytlary iberiş ýurdy barada maglumatlar, harytlaryň halkara daşalmasynyň başlanylmagyna esas bolan, ulag (daşaýyş) resminamalarynda getirilen maglumatlar esasynda kesgitlenilýär.

**15-nji öýjük (a; b). «Iberiş ýurdunyň kody»**

Öýjügiň çep «a» kiçi böleginde Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda harytlary iberiş ýurdunyň iki belgili harply kody görkezilýär.

Öýjügiň sag «b» kiçi bölegi doldurylmaýar.

**16-njy öýjük. «Gelip çykan ýurdy»**

Öýjükde Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda deklarirlenilýän harytlaryň gelip çykan ýurdunyň gysga adyny ýa-da eger, harytlara goýlan belgiler ýa-da berlen resminamalar harytlaryň anyk gelip çykan ýurduny görkezmän, olarda harytlaryň ykdysady bileleşigiň ýa-da birleşigiň çäginden gelip çykandygy barada maglumat bar bolsa, Ykdysady bileleşikleriň we birleşikleriň klassifikatoryna (4-nji goşundy) laýyklykda ykdysady bileleşigiň ýa-da birleşigiň gysga adyny görkezmek zerur.

Eger bir ÝGD-da dürli ýurtlardan (dürli bileleşiklerden ýa-da dürli birleşiklerden) gelip çykan birnäçe haryt deklarirlenilende, ýa-da iň bolmanda bir harydyň gelip çykan ýurdy näbelli bolsa, öýjükde «Dürli» diýen ýazgy edilýär.

Eger ÝGD-da hemme deklarirlenilýän harytlaryň gelip çykan ýurdy näbelli bolsa, öýjükde «Näbelli» diýen ýazgy edilýär.

**18-nji öýjük. «Kybaplamak we ulag serişdesiniň iberilende/gowşanda bellige alnan ýurdy»**

Öýjükde deklarirlenilýän harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginde daşalan ulag serişdesi (ulag serişdeleri) barada maglumatlar görkezilýär.

Eger harytlar daşalanda ulag serişdeleriniň düzümi ulanylan bolsa, onda beýleki ulag serişdesini (ulag serişdelerini) herekete getiren ulag serişdesi barada maglumatlary görkezmek zerur.

1. Öýjükde ulag serişdesi barada aşakdaky maglumatlar görkezilýär:

1) öýjügiň çep kiçi böleginde ulag serişdeleriň sany, şeýle hem aşakdakylar görkezilýär:

- awtomobil ulagy arkaly daşalanda - ulag serişdeleriniň (eger harytlar awtoulag serişdeleriniň düzümi arkaly daşalanda, hemme ulag serişdeleriniň) bellige alnyş belgileri;
- demir ýol ulagy arkaly daşalanda - demir ýol wagonlarynyň (platformalaryň, sisternalaryň we şolara meňzeşleriň) belgileri;
- deňiz (derýa) ulagy arkaly daşalanda - gämileriň atlary;
- howa ulagy arkaly daşalanda - gatnaw belgileri;

2) öýjügiň sag kiçi böleginde Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda, ulag serişdesiniň bellige alnan ýurdunyň, eger-de daşalmada ulag serişdeleriniň düzümi ulanylan bolsa, onda beýleki ulag serişdesini (ulag serişdelerini) herekete getirýän ulag serişdesiniň bellige alnan ýurdunyň iki belgili harply kody görkezilýär.

2. Eger harytlar deklarirlenilýän pursadynda ulag serişdesiniň bellige alnan ýurdy (ýurtlary) näbelli bolsa, öýjügiň sag kiçi böleginde iki sany nol («00») goýulýar.

3. Eger harytlar dürli ýurtlarda bellige alnan birnäçe ulag serişdeleri arkaly daşalýan bolsa, öýjügiň sag kiçi böleginde iki sany dokuz («99») goýulýar.

**4. Harytlar demir ýol ulagy arkaly daşalanda öýjügiň sag kiçi bölegi doldurylmaýar.**

**19-njy öýjük. «Konteýner»**

Öýjükde haryt daşamagyň aşakdaky alamatlaryny goýmak zerur:

- «1», eger harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhedinden daşalmagy konteýnerde amala aşyrylan bolsa;
- «0» galan halatlarda (şol sanda harytlaryň daşalyşy (daşalandygy) baradaky maglumatlar näbelli bolsa).

**20-nji öýjük. «Ibermegiň şertleri»**

Deklarirlenilýän harytlar daşary ykdysady geleşik amala aşyrylanda

baglaşylan şertnama boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmeginiň hasabyna Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen (getirilýän) mahalynda öýjügi doldurmak zerur.

Şertnamanyň şertlerinden ugur alyp, öýjükde deklarirlenilýän harytlaryň iberilmeginiň şertleri barada şu aşakdaky maglumatlar görkezilýär:

- öýjügiň birinji kiçi böleginde Ibermegiň şertleriniň klassifikatoryna (5-nji goşundy) laýyklykda harytlary ibermegiň şertiniň harply kody görkezilýär.
- öýjügiň ikinji kiçi böleginde ibermegiň şertine laýyklykda, Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatory boýunça geografik ýeriniň ýerleşýän ýurdunyň iki belgili harply kody hem-de geografik ýeriň ady görkezilýär;
- öýjügiň üçünji kiçi bölegi doldurylmaýar.

**21-nji öýjük. «Kybaplamak we serhetdäki aktiw ulag serişdesiniň bellige alnan ýurdy»**

Öýjükde Türkmenistanyň gümrük çägine gowşanda deklarirlenilýän harytlaryň ýerleşen ulag serişdesi (ulag serişdeleri) barada maglumatlary görkezmek zerur.

Eger halkara daşalmasynda ulag serişdeleriniň düzümi ulanylan bolsa, onda beýleki ulag serişdesini (ulag serişdelerini) herekete getiren ulag serişdesi barada maglumatlary görkezmek zerur.

1. Öýjükde ulag serişdesi barada aşakdaky maglumatlar görkezilýär:

1) öýjügiň çep kiçi böleginde ulag serişdeleriň sany, şeýle hem aşakdakylar görkezilýär:

- awtomobil ulagy arkaly daşalanda - ulag serişdeleriň bellige alnyş belgisi;
- demir ýol ulagy arkaly daşalanda - demir ýol wagonlaryň (platformalaryň, sisternalaryň we şolara meňzeşleriň) belgileri;
- deňiz (derýa) ulagy arkaly daşalanda - gäminiň ady;
- howa ulagy arkaly daşalanda - gatnaw belgisi;

2) öýjügiň sag kiçi böleginde Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda, ulag serişdesiniň bellige alnan ýurdunyň, eger-de daşalmada ulag serişdeleriniň düzümi ulanylan bolsa, onda beýleki ulag serişdesini (ulag serişdelerini) herekete getirýän ulag serişdesiniň bellige alnan ýurdunyň iki belgili harply kody görkezilýär.

2. Eger harytlaryň deklarirlenilýän pursadynda ulag serişdesiniň bellige alnan ýurdy (ýurtlary) näbelli bolsa, öýjügiň sag kiçi böleginde iki sany nol («00») goýulýar.

3. Eger harytlar dürli ýurtlarda bellige alnan birnäçe ulag serişdeleri arkaly daşalýan bolsa, öýjügiň sag kiçi böleginde iki sany dokuz («99») goýulýar.

**4. Harytlar demir ýol ulagy arkaly daşalanda öýjügiň sag kiçi bölegi doldurylmaýar.**

**22-nji öýjük. «Walýuta we hasap boýunça umumy baha»**

Öýjügiň çep kiçi böleginde Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda şertnamada (geleşikde) harytlaryň bahasy görkezilen

walýutasynyň üç belgili harply koduny, ýa bolmasa muzdsuz geleşigi, birtaraplaýyn daşary ykdysady geleşik amala aşyrylanda ýa-da harytlar daşary ykdysady geleşigiň çäklerine girmeýän ýagdaýynda geçirilende düzülen täjirçilik we beýleki resminamalarda harytlaryň bahasynyň aňladylan walýutasynyň üç belgili harply koduny görkezmek zerur.

Öýjügiň sag kiçi böleginde şu öýjügiň çep kiçi böleginde görkezilen walýutada esasy we goşmaça sahypalaryň 42-nji öýjüklerinde görkezilýän bahalaryň jemini görkezmek zerur.

**23-nji öýjük. «Walýutanyň hümmeti»**

Türkmenistanyň kanunçylygynda başga hümmetiň ulanylmagy bellenilmedik bolsa, öýjükde Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan daşary ýurt walýutasynyň (ÝGD-nyň 22-nji öýjüginde kody görkezilen) milli walýuta ÝGD-nyň kabul edilen senesindäki bellenilen hümmeti görkezilýär.

Eger ÝGD-nyň 22-nji öýjüginiň çep kiçi böleginde milli walýutanyň kody görkezilen bolsa, öýjük doldurylmaýar.

**24-nji öýjük. «Geleşigiň häsiýeti»**

Öýjügiň çep kiçi böleginde Geleşigiň häsiýetiniň klassifikatoryna (6-njy goşundy) laýyklykda geleşigiň häsiýetiniň iki belgili kody görkezilýär.

**25-nji öýjük. «Serhetdäki ulagyň görnüşi»**

Öýjügiň çep kiçi böleginde Ulaglaryň we harytlary ulagly daşamagyň görnüşleriniň klassifikatoryna (7-nji goşundy) laýyklykda, 21-nji öýjükde görkezilen, ulag serişdesiniň görnüşiniň iki belgili koduny goýmak zerur.

Öýjügiň ikinji kiçi bölegi doldurylmaýar.

**26-njy öýjük. «Ýurduň içindäki ulagyň görnüşi»**

Öýjügiň çep kiçi böleginde Ulaglaryň we harytlary ulagly daşamagyň görnüşleriniň klassifikatoryna laýyklykda (7-nji goşundy), 18-nji öýjükde görkezilen, ulag serişdesiniň görnüşiniň iki belgili koduny goýmak zerur.

Öýjügiň sag kiçi bölegi doldurylmaýar.

**29-njy öýjük. «Giriş/çykyş edarasy»**

Öýjükde Gümrük edaralarynyň klassifikatoryna laýyklykda, harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çägine gelen ýerinde ýerleşen gümrük edarasynyň kody görkezilýär.

Deklarirlenilýän harytlar Türkmenistanyň gümrük çägine dürli geçiriş ýerleriň üsti bilen getirilende, öýjükde Gümrük edaralarynyň klassifikatoryna laýyklykda, harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çägine gelen ýerlerinde ýerleşen hemme gümrük edaralaryň kodlary görkezilýär.

**30-njy öýjük. «Harytlaryň ýerleşýän ýeri»**

Öýjükde ÝGD-nyň berlen pursadynda deklarirlenilýän harytlaryň ýerleşýän ýeri barada maglumatlar görkezilýär.

Eger harytlar wagtlaýyn saklanylýan ammarda ýa-da gümrük ammarynda ýerleşýän bolsa, wagtlaýyn saklanylýan ammaryň ýa-da gümrük ammarynyň işini amala aşyrmaga ygtyýarnamanyň belgisi we berlen senesi görkezilýär.

Eger harytlar demir ýol ýa-da awtomobil ulagynda ýerleşýän bolsa (şol sanda, eger bu ulag serişdeleri wagtlaýyn saklanylýan ammaryň ýa-da gümrük ammarynyň çäginde ýerleşende) öýjükde:

- eger harytlar demir ýolunda ýerleşen ulag serişdelerinde ýerleşýän bolsa, «d/ý» diýen ýazgy edilýär we «/» bölüji belgisinden soň demir ýol wagonlaryň (platformalaryň, sisternalaryň we şolara meňzeşleriň) belgileri goýulýar;
- eger harytlar awtomobil ulagynda ýerleşýän bolsa, «awto» diýen ýazgy edilýär we «/» bölüji belgisinden soň awtomobil ulagynyň bellige alnyş belgisi goýulýar.

Eger harytlaryň wagtlaýyn saklanylmagy alyjynyň ammarynda amala aşyrylýan bolsa, onda öýjükde «Alyjynyň ammary» diýen ýazgy edilýär we iş zolagyna şu ammaryň ýerleşýän ýeri girýän gümrük edarasynyň kody goýulýar.

Galan ýagdaýlarda öýjükde ÝGD-nyň berlen pursadynda deklarirlenilýän harytlaryň bolýan we barlanyp (gözden geçirilip) boljak gümrük gözegçiligi zolagynyň ýerleşýän ýeri (salgysy) görkezilýär.

Harytlar deslapdan deklarirlenende öýjükde harytlara gümrük barlagyny (gözden geçirmesini) geçirmek üçin harytlaryň gümrük edarasyna görkeziljek ýeri barada maglumatlar görkezilýär.

**31-nji öýjük. «Ýük orunlary we harytlaryň beýany»**

Öýjükde, gümrük we beýleki tölegleri hasaplamak we töledip almak hem-de gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň berjaý edilmegini üpjün etmek maksady bilen, gümrük maksatlary üçin harytlaryň kybaplanylmagyna we olaryň DYI HN boýunça bir dokuz belgili toparlara bölüniş koduna degişli edilmegine mümkinçilik berýän, deklarirlenilýän harytlar baradaky maglumatlary, şeýle hem ýük orunlary baradaky maglumatlary görkezmek zerur.

1 belgide haryt nyşanlary, markalary, modelleri, artikullary, standartlary we şolara meňzeş tehniki hem-de täjirçilik häsiýetleri baradaky maglumatlary, şeýle hem deklarirlenilýän harytlaryň mukdar we hil taýdan düzümi barada maglumatlary goşmak bilen, harydyň (söwda, täjirçilik ýa-da başga adaty) adyny görkezmek zerur.

Ýokarda sanalyp geçilen maglumatlara goşmaça 1 belgide aşakdakylary hem görkezmek zerur:

- DYI HN-da ulanylýan esasy we goşmaça ölçeg birliginden tapawutly ölçeg birliklerindäki harytlaryň mukdar taýdan häsiýetlendirilmeleri, eger şu häsiýetlendirilmeler gümrük we beýleki tölegleri hasaplamak we töledip almak hem-de (ýa-da) gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň berjaý edilişini üpjün etmek üçin zerur bolsa, ýa bolmasa harydyň has takyk kybaplanylmagyna mümkinçilik berýän bolsa;
- döwürleýin, wagtlaýyn ýa-da doly ÝGD-da - «GG.AA.ÝÝ-ýyldan GG.AA.ÝÝ-ýyla çenli ibermek» diýen ýazgy, şunda GG.AA.ÝÝ degişlilikde - harytlaryň iberilýän döwrüniň başlanýan we gutarýan güni, aýy we ýylynyň soňky

iki sany. Harytlaryň iberilýän (goýberilýän) döwrüniň takyk senesini kesgitlemegiň mümkinçiligi bomadyk halatynda - ibermek döwri senenama aýyna çenli takyklykda görkezilýär.

2 belgide aşakdakylary görkezmek zerur:

- gaby bolan harytlar üçin arasynda otur goýmak bilen, harydyň tutýan ýük orunlarynyň umumy mukdary (eger deklarirlenilýän harytlar ýük orunlarynyň hemme ýerini tutmaýan bolsa, onda ýaýyň içinde harytlaryň bölekleýin tutýan ýük orunlarynyň mukdary, «-» kese çyzygy goýmak bilen «ornuň bölegi» diýen ýazgy edilip görkezilýär), Ýüküň, gaplaryň we gaplama materiallarynyň görnüşleriniň klassifikatoryna (8-nji goşundy) laýyklykda harytlaryň gaplarynyň görnüşleriniň kodlary, «-» kese çyzygy goýmak bilen her görnüşi boýunça gaplaryň mukdaryny goýmak arkaly görkezilýär;

- ulag serişdesiniň enjamlaşdyrylan gaplarda gapgarylyp, guýlup, üýşürilip gapsyz daşalýan harytlar üçin Ýüküň, gaplaryň we gaplama materiallarynyň görnüşleriniň klassifikatoryna (8-nji goşundy) laýyklykda ýüküň görnüşiniň kody görkezilýär.

Konteýnerlerde daşalýan ýükler üçin 3 belgide konteýnerleriň mukdaryny we olaryň belgilerini görkezmek zerur. Eger deklarirlenilýän harytlar konteýneri tutuş tutmaýan bolsa, belgiden soň «bölek» diýen ýazgy ýazylýar.

Markalar bilen belgilenen goşmaça töleg bellenilen harytlar üçin 4 belgide goşmaça töleg markalarynyň seriýasyny, belgilerini we her seriýasy boýunça sanyny görkezmek zerur. Yzly-yzyna gelýän goşmaça töleg markalarynyň belgileri barada maglumatlar, arasynda kese çyzygy goýmak bilen degişli çägiň birinji we soňky belgilerini goýmak arkaly görkezilýär.

**32-nji öýjük. «Haryt №»**

Öýjügiň çep kiçi böleginde 31-nji öýjükde mälim edilýän deklarirlenilýän harydyň tertip belgisi görkezilýär.

Öýjügiň sag kiçi bölegi doldurylmaýar.

**33-nji öýjük. «Harydyň kody»**

Öýjügiň birinji kiçi böleginde DYI HN-na laýyklykda aralarynda boş ýersiz harydyň dokuz belgili toparlara bölüniş koduny goýmak zerur.

Öýjügiň ikinji kiçi böleginde aşakdakylary goýmak zerur:

- «E» harpyny (gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň ulanylmagyndan erkin), eger deklarirlenilýän harytlar DYI HN-nyň toparlara bölüniş kody we (ýa-da) ady boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, ygtyýarlandyrmak görnüşinde gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň ulanylmagyna düşüp, emma özüniň häsiýetleri we (ýa-da) ulanylmagy boýunça şeýle çäreleriň ulanylmagyna degişli harytlara laýyk gelmeýän bolsa;

- «I» harpyny (intellektual eýeçilik), eger deklarirlenilýän harytlarda intellektual eýeçilik obýektleriniň gümrük sanawyna girizilen intellektual eýeçilik obýektleriň alamatlary bar bolsa;

- ýokarda görkezilen harplary, aralarynda boş ýersiz «EI» yzygiderlikde, eger deklarirlenilýän harytlar degişli şertleri kanagatlandyrýan bolsa.

**34-nji öýjük. «Gelip çykan ýurdunyň kody»**

Öýjügiň çep «a» kiçi böleginde Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda deklarirlenilýän harytlaryň gelip çykan ýurdunyň iki belgili harply koduny ýa-da eger, harytlara goýlan belgiler ýa-da berlen resminamalar harytlaryň anyk gelip çykan ýurduny görkezmän, harytlaryň ykdysady bileleşigiň ýa-da birleşigiň çäginden gelip çykandygy baradaky maglumaty özünde saklaýan bolsa, Ykdysady bileleşikleriň we birleşikleriň klassifikatoryna (4-nji goşundy) laýyklykda ykdysady bileleşigiň ýa-da birleşigiň harply koduny goýmak zerur.

Eger harytlaryň gelip çykan ýurdy näbelli bolsa, iki sany nol («00») goýulýar.

Öýjügiň sag «b» kiçi bölegi doldurylmaýar.

**35-nji öýjük. «Brutto agramy (kg)»**

Öýjükde, 31-nji öýjükde degişli maglumatlary görkezilen harytlaryň «brutto» agramyny kilogramda görkezmek zerur: harytlaryň dolanyşyga goýberilmeginden öňki ýagdaýynyň üýtgemezligini üpjün etmek üçin olaryň gaplaryň hemme görnüşlerini öz içine alýan umumy agramyny, emma konteýnerleri we beýleki ulag enjamyny aýyrmak bilen.

Eger harytlaryň umumy agramy bir kilogramdan köp bolsa, onda görkezilýän san bitin sana çenli tegelenýär.

**36-njy öýjük. «Preferensiýa»**

Öýjükde Gümrük töleglerini tölemek boýunça ýeňillikleriň klassifikatory (9-njy goşundy) boýunça gümrük töleginiň her bir görnüşi boýunça degişli kody aşakdaky görnüşde görkezilýär:

$\underset{1}{\underline{XX}} - \underset{2}{\underline{XX}} - \underset{3}{\underline{XX}}$, şu ýerde:

1 - gümrük taýdan resmileşdirilmegi üçin gümrük ýygymlary boýunça;
2 - gümrük pajy boýunça;
3 - goşmaça töleg boýunça.

**37-nji öýjük. «Amal»**

Öýjügiň çep kiçi böleginde maglumatlar düzüm kody görnüşinde aşakdaky ýaly görkezilýär:

$\underset{1}{\underline{XX}} \quad \underset{2}{\underline{XX}}$, şu ýerde:

1 - Gümrük düzgünleriniň klassifikatory (2-nji goşundy) boýunça mälim edilýän gümrük düzgüniniň kody (2 belgi);

2 - Gümrük düzgünleriniň klassifikatory (2-nji goşundy) boýunça

ilkibaşdaky gümrük düzgüniniň kody (2 belgi), eger deklarirlenilýän harytlar ilkibaşda başga gümrük düzgünine ýerleşdirilen bolsa, galan ýagdaýlarda iki sany nol («00») goýulýar.

Öýjügiň sag kiçi böleginde Harytlaryň geçirilmeginiň aýratynlyklarynyň klassifikatoryna (10-njy goşundy) laýyklykda deklarirlenilýän harytlaryň geçirilmeginiň aýratynlygynyň kody (2 belgi) görkezilýär.

**38-nji öýjük. «Netto agramy (kg)»**

Öýjükde deklarirlenilýän harytlaryň «netto» agramyny kilogramda görkezmek zerur:

a) gaply görnüşde geçirilýän harytlar üçin:

- ilkinji daşlygyny hasaba almak bilen deklarirlenilýän harytlaryň agramyny, eger sarp edijilik häsiýetinden ugur alnyp şeýle gapda harytlar bölekleýin satuwa çykarylýan bolsa we harydy sarp etmekden öň onuň sapr edijilik häsiýetlerini bozman ilkinji daşlygyny harytdan aýryp bolmaýan bolsa;

- galan ýagdaýlarda haýsy-da bolsa daşlygy hasaba alynmazdan deklarirlenilýän harytlaryň agramyny;

b) gapsyz (gapgarylyp, guýlup, üýşürilip) geçirilýän harytlar üçin - harytlaryň umumy agramyny.

Eger harytlaryň umumy agramy bir kilogramdan köp bolsa, onda görkezilýän san bitin sana çenli tegelenýär.

**39-njy öýjük. «Kwota»**

Eger Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda deklarirlenilýän harytlar babatda ygtyýarlandyrmak görnüşinde mukdar ýa-da nyrh çäklendirilmeleri bellenilen bolsa, öýjügi doldurmak zerur.

Öýjükde, kwotanyň galan bölegi kesgitlenilende deklarirlenilýän harytlaryň hasaba alynmaýandygyny göz öňünde tutmak bilen, bölünip berlen kwotanyň bellenilen ölçeg birliklerinde galan bölegi, şeýle hem alnan ygtyýarnama görä şeýle ölçeg birlikleriniň gysga ady görkezilýär.

Deklarirlenilýän harytlar babatda ýokarda ady tutulan çäklendirmeler bellenilmedik bolsa, öýjük doldurylmaýar.

**40-njy öýjük. «Umumy deklarasiýa/Ilkibaşdaky resminama»**

Öýjükde, ÝGD-ny bermekden öň harytlar gümrük düzgünine ýa-da içerki gümrük üstaşyrynyň amalyndan başga gümrük amalyna ýerleşdirilende Gümrük taýdan resmileşdirmek mahalynda ulanylýan resminamalaryň görnüşleriniň klassifikatoryna (11-nji goşundy) laýyklykda, gümrük edarasynyň kabul eden soňky gümrük resminamasynyň koduny we bellige alnyş belgisini, arasynda «/» bölüji belgisini goýmak arkaly öňki gümrük resminamasyndan (32-nji öýjük) bu harydyň tertip belgisini gökezmek zerur.

Eger deklarirlenilýän harytlara ÝGD-nyň berilmeginden öň ýokarda ady tutulan resminamalar düzülmedik bolsa, öýjük doldurylmaýar.

**41-nji öýjük. «Goşmaça birlikler»**

Öýjükde, eger DYI HN-na laýyklykda deklarirlenilýän harytlar babatda goşmaça ölçeg birlikleri ulanylýan bolsa, 31-nji öýjükde degişli maglumatlary görkezilen, harydyň goşmaça ölçeg birligindäki mukdaryny boş ýersiz görkezmek zerur. Soňra boş ýer goýlup, DYI HN-nda ulanylýan ölçeg birliklerine laýyklykda, goşmaça ölçeg birliginiň koduny görkezmek zerur.

**42-nji öýjük. «Harydyň nyrhy»**

Öýjükde hak almak esasda daşary ykdysady geleşiginiň (ylalaşygynyň) şertlerine laýyklykda hakykatda tölenen ýa-da tölenilmäge degişli bolan ýa-da beýleki garşylyklaýyn berliş görnüşinde öwezi dolunýan harydyň bahasy görkezilýär.

Öýjükde, muzdsuz şertnamanyň, birtaraplaýyn daşary ykdysady geleşiginiň hasabyna ýa-da daşary ykdysady geleşigiň çäklerine girmeýän ýagdaýynda geçirilýän haryt deklarirlenen halatynda, muzdsuz şertnama, birtaraplaýyn daşary ykdysady geleşigi esasynda ýa-da harytlar daşary ykdysady geleşigiň çäklerine girmeýän ýagdaýynda geçirilende düzülen, täjirçilik we beýleki resminamalarda getirilen harydyň bahasyny görkezmek zerur.

Harydyň bahasy 22-nji öýjükde görkezilen walýutada, tegelemegiň kadalary boýunça oturdan soň ikinji belgä çenli takyklyk bilen tegelemek arkaly görkezilýär.

**43-nji öýjük. «BKU kody»**

Öýjügiň çep kiçi böleginde Gümrük bahasynyň kesgitlemegiň usullarynyň klassifikatoryna (12-nji goşundy) laýyklykda, deklarirlenýän harytlaryň gümrük bahasyny kesgitlemegiň usulynyň koduny görkezmek zerur.

**44-nji öýjük. «Goşmaça maglumat/Berlen resminamalar»**

Öýjükde ÝGD-nyň 31-nji öýjüginde görkezilen her bir haryt barada mälim edilen maglumatlary tassyklaýan, gümrük edarasyna ÝGD bilen bilelikde berilýän resminamalar barada maglumatlary we goşmaça maglumatlary görkezmek zerur.

Her bir resminama barada maglumatlar we goşmaça maglumatlar täze setirden, Gümrük taýdan resmileşdirmek mahalynda ulanylýan resminamalaryň görnüşleriniň klassifikatoryna (11-nji goşundy) laýyklykda onuň koduny goýmak bilen görkezilýär.

Eger şu öýjükde ÝGD bilen bir wagtda has giç möhlete degişli maglumatlary beýan ediljek, aýratyn resminamalaryň berilmegi barada ýüztutma berilýän bolsa, onda degişli tertip belgisinde ýetmeýän resminamalary we (ýa-da) maglumatlary bermek baradaky deklarantyň borjy barada bellikleriň, olaryň beriljek senesi goýlup, «________ çenli bermäge borçlanýaryn» diýen ýazgy görnüşinde, goýulmagy zerur.

Öýjüge aşakdaky maglumatlary girizmek zerur:

- deklarirlenýän harytlar babatda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilen gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň berjaý edilişini, şeýle

hem weterinariýa, fitosanitariýa we döwlet gözegçiliginiň beýleki görnüşleriniň geçirilendigini tassyklaýan resminamanyň (ygtyýarnamalaryň, rugsatnamalaryň, güwänamalaryň we beýleki resminamalaryň) belgisi, berlen senesi we hereket edýän möhleti;

- halkara daşalmasynyň ýa-da içerki gümrük üstaşyrynyň amalyny ulanmak bilen gümrük gözegçiligi astynda daşalmagynyň amala aşyrylmagyna esas bolan, ulag (daşaýyş) resminamasynyň (şol sanda HÝD kitapçasynyň) belgisi we (senesi bolan mahalynda) senesi, eger deklarirlenilýän harytlar babatda olaryň mälim edilýän gümrük düzgünine ýerleşdirmekden ýa-da ilkibaşda mälim edilen gümrük düzgüniniň hereketiniň tamamlanmagyndan öň halkara daşalmasy amala aşyrylan bolsa ýa-da harytlar içerki gümrük üstaşyrynyň amaly boýunça daşalan bolsa, şeýle hem ÜD-nyň bellige alnyş belgisi ýa-da ÜD hökmünde ulanylan beýleki resminamalaryň bellige alnyş belgisi;

- deklarirlenilýän harytlara degişli bolan, şertnamanyň belgisi we baglaşylan senesi, onuň Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynda bellige alnyş belgisi we senesi, şeýle hem şertnama goşmaçalaryň (ylalaşyklaryň) belgileri we seneleri;

- «Şertnamasyz» diýlen ýazgysy, eger birtaraplaýyn daşary ykdysady geleşigi boýunça ýa-da hiç bir geleşik amala aşyrylmazdan, harytlar Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen (Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän) bolsa, ýa bolmasa birtaraplaýyn daşary ykdysady geleşigi boýunça ýa-da hiç bir geleşik amala aşyrylmazdan ilkibaşda mälim edilen gümrük düzgüni üýtgände ýa-da onuň hereketi tamamlananda harytlar erkin dolanyşyga goýberilýän bolsa;

- harytlar üçin tölegi tölemegiň we (ýa-da) harytlary ýükläp ibermegiň hasabynyň ýa-da deklarantda bolan başga täjirçilik resminamasynyň belgisi we senesi, şeýle hem harytlara eýelik etmäge, olary peýdalanmaga we (ýa-da) harytlara ygtyýarlyk etmäge hukugy tassyklaýan resminamanyň belgisi we senesi;

- harytlary DYI HN boýunça toparlara bölmek baradaky gümrük edarasynyň çözgüdiniň belgisi we berlen senesi, eger şeýle çözgüt deklarantda bar bolsa;

- harydyň gelip çykyşy hakynda güwänamanyň belgisi we berlen senesi, eger Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň 19-njy maddasyna laýyklykda, harytlaryň gelip çykan ýurduny tassyklaýan, harydyň gelip çykyşy hakynda güwänama görnüşinde resminamanyň berilmegi talap edilýän bolsa;

- gümrük töleglerini tölemek boýunça ýeňillikleriň ýa-da aýratynlyklaryň bardygyny tassyklaýan resminamanyň belgisi we senesi;

- gümrük tölegleriniň tölenilmeginiň üpjün edilendigini tassyk edýän resminamanyň belgisi we berlen senesi, eger harytlaryň goýberilmegi gümrük tölegleriniň tölenilmeginiň üpjün edilmegi esasynda amala aşyrylýan bolsa;

- goşmaça töleg markalarynyň alnandygy baradaky resminamanyň belgisi we senesi;

- harytlar gümrük çäginde gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýa-da erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilende, şeýle hem gaýtadan işlemegiň önümleri, gaýtadan işlemegiň galyndylary we harytlaryň galyndylary deklarirlenende ýa-da gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen harytlaryň, gümrük çägine getirilýän (getirilen)

gaýtadan işlemegiň önümleri deklarirlenende harytlary gaýtadan işlemäge berlen degişli rugsadynyň belgisi görkezilýär;

- harytlar gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemegiň gümrük düzgüninde ýerleşdirilende ýa-da Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän, gümrük çäginde gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen gaýtadan işlemegiň önümleri, gaýtadan işlemegiň galyndylary we harytlaryň galyndylary deklarirlenende ýa-da erkin dolanyşyk üçin gaýtadan işlemegiň gümrük düzgünine ýerleşdirilen gaýtadan işlemegiň galyndylary, harytlaryň galyndylary deklarirlenende harytlary gaýtadan işlemäge berlen degişli rugsadynyň belgisi görkezilýär;

- wagtlaýyn getirmek ýa-da wagtlaýyn alyp gitmek gümrük düzgünlerinde harytlar ýerleşdirilen mahalynda - wagtlaýyn getirmegiň ýa-da wagtlaýyn alyp gitmegiň mälim edilýän möhleti (GG.AA.ÝÝ - gün, aý we ýylynyň soňky iki sany) we «/» bölüji belgisinden soň «1» san, eger wagtlaýyn getirmegiň (wagtlaýyn alyp gitmegiň) möhleti bir ýyldan az bolsa, ýa-da «2» san, eger wagtlaýyn getirmegiň (wagtlaýyn alyp gitmegiň) möhleti bir ýyl we ondan köp bolsa;

- wagtlaýyn getirmek ýa-da wagtlaýyn alyp gitmek gümrük düzgüniniň hereketi degişlilikde reeksport ýa-da reimport gümrük düzgüni bilen tamamlananda - «1» san, eger ilkibaşda mälim edilen wagtlaýyn getirmegiň (wagtlaýyn alyp gitmegiň) möhleti bir ýyldan az bolsa, ýa-da «2» san, eger ilkibaşda mälim edilen wagtlaýyn getirmegiň (wagtlaýyn alyp gitmegiň) möhleti bir ýyl we ondan köp bolsa;

- ÝGD bilen bir wagtda berilýän beýleki resminamalaryň belgileri we düzülen seneleri, eger harytlary mälim edilýän gümrük düzgünine ýerleşdirmek hakynda çözgüdi kabul etmek üçin şolar ýaly resminamalaryň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda berilmegi zerur bolsa.

Öýjügiň «GM kody» kiçi bölegi doldurylmaýar.

**45-nji öýjük. «Gümrük bahasy»**

Öýjükde deklarirlenilýän harytlaryň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenilýän, gümrük bahasy (tegelemegiň kadalary boýunça oturdan soň ikinji belgä çenli takyklyk bilen tegelemek arkaly) Türkmenistanyň milli walýutasynda görkezilýär.

Eger bir ÝGD-da birnäçe harytlar barada maglumatlar görkezilýän halatynda, olaryň eltilmegi boýunça, harytlaryň bahasyna girizilmedik, çykdajylar berlen resminamalarda umumy möçber görnüşinde görkezilen bolsa, onda her harydyň gümrük bahasy kesgitlenende olaryň eltilmegi boýunça çykdajylaryň möçberi deklarirlenilýän harytlaryň bahalaryna proporsional hasaba alynmaly, eger Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa.

**46-njy öýjük. «Statistiki bahasy»**

Öýjükde gümrük statistikasynyň maksatlary üçin deklarirlenilýän harytlaryň statistiki bahasyny görkezmek zerur.

Statistiki bahasy, 45-nji öýjükde görkezilen, deklarirlenilýän harytlaryň gümrük bahasyny gaýtadan ABŞ-nyň dollaryna hasaplamak ýoly arkaly alynýar, ol

mümkin boldugyça CIF - Türkmenistanyň porty ýa-da CIP - barmaly ýeri Türkmenistanyň serhedinde nyrh binýatlaryna getirilen bolmaly.

Harydyň gümrük bahasy ABŞ-nyň dollaryna gaýtadan hasaplananda ABŞ-nyň dollarynyň Türkmenistanyň milli walýutasyna Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ÝGD-nyň kabul edilen senesindäki bellenilen hümmeti ulanylýar.

Statistiki bahasy tegelemegiň kadalary boýunça oturdan soň ikinji belgä çenli takyklyk bilen tegelemek arkaly, bölüji belgiler we (ýa-da) boş yerler goýulman görkezilýär.

**47-nji öýjük. «Tölegleriň hasaplanylyşy»**

Öýjükde töledip alynmagy gümrük edaralarynyň üstüne ýüklenilen gümrük we beýleki tölegleriň hasaplanylyşy, şeýle hem olaryň tölenilmeginiň usuly barada maglumatlary görkezmek zerur.

Gümrük we beýleki tölegleriň hasaplanylyşy tölegiň her bir görnüşi boýunça aýratynlykda amala aşyrylýar.

Öýjükde hemme sütünler doldurylýar, şonda maglumatlar boş ýersiz girizilýär.

«Görnüşi» atly sütünde Töledip alynmagy gümrük edaralarynyň üstüne ýüklenilen gümrük we beýleki tölegleriň görnüşleriniň klassifikatoryna (13-nji goşundy) laýyklykda tölegiň görnüşiniň kody goýulýar.

«Hasaplamagyň esasy» atly sütünde Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenilýän, tölegi hasaplamak üçin töleg salynýan binýat görkezilýär.

«Möçberi» atly sütünde tölegiň bellenen möçberi görkezilýär.

«Jemi» atly sütünde tegelemegiň kadalaryna laýyklykda oturdan soň ikinji belgä çenli takyklyk bilen tegelenen, tölegiň hasaplanan pul möçberi Türkmenistanyň milli walýutasynda görkezilýär.

«TU» (tölemegiň usuly) atly sütünde Töledip alynmagy gümrük edaralarynyň üstüne ýüklenilen gümrük we beýleki tölegleri tölemegiň usullarynyň klassifikatoryna (14-nji goşundy) laýyklykda iki belgili harply kody goýulýar.

**«B» öýjük. «Hasaplamagyň beýany»**

Öýjükde, ÝGD-da deklarirlenilýän hemme harytlar üçin tölenen we (ýa-da) tölenilmäge degişli, tölenen we (ýa-da) tölenilmegi üpjün edilen walýutada, tölegiň umumy pul möçberini aşakdakylary hasaba almak bilen görkezmek zerur:

a) maglumatlar tölegiň görnüşiniň her biri boýunça tölegiň tölenilendigini tassyklaýan resminamalara görä aýratynlykda görkezilýär;

b) hemme maglumatlar öz aralarynda «-» belgisi bilen bölünýärler, maglumatlaryň aralarynda boş ýeriň goýulmagyna ýol berilmeýär.

ç) tölegiň pul möçberi (tegelemegiň kadalaryna laýyklykda oturdan soň ikinji belgä çenli takyklyk bilen tegelenýär).

Tölegiň tölenilmegi barada maglumatlar aşakdaky görnüşde görkezilýär:

| XX | - | XXXXXXXXXX.XX | - | XXX | - | XX | - | XXX... | - | XX.XX.XX, şu ýerde: |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | 2 | | 3 | | 4 | | 5 | | 6 |

1 - Töledip alynmagy gümrük edaralarynyň üstüne ýüklenilen gümrük we beýleki tölegleriň görnüşleriniň klassifikatory (13-nji goşundy) boýunça tölegiň görnüşiniň kody;

2 - tölenen ýa-da tölenilmäge degişli tölegiň umumy pul möçberi;

3 - tölegiň tölenilen walýutasynyň Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatory boýunça üç belgili harply kody;

4 - Gümrük tölegleriniň tölenilmeginiň üpjün edilmeginiň görnüşleriniň klassifikatory (15-nji goşundy) boýunça gümrük töleginiň tölenilmeginiň üpjün edilmeginiň görnüşiniň harply kody;

5 - tölegiň tölenilendigini tassyklaýan resminamanyň belgisi;

6 - tölegiň tölenilendigini tassyklaýan resminama boýunça tölenilen senesi (gün, aý, ýylynyň soňky iki sany).

**48-nji öýjük. «Tölegleri tölemegi yza süýşürme»**

Eger deklarirlenilýän harytlar babatda gümrük tölteglerini tölemegiň möhleti üýtgedilen (tölegi tölemegi yza süýşürmäge, möhletlere bölüp tölemäge rugsat berlen) bolsa, öýjügi doldurmak zerur.

Öýjükde deklarirlenilýän harytlar babatda gümrük tölteglerini tölemegi yza süýşürmäge, möhletlere bölüp tölemäge rugsadyň belgisi we berlen senesi hem-de «/» bölüji belgisinden soň - soňky tölenilmeli gününe laýyk gelýän senesi (GG.AA.ÝÝ - gün, aý we ýylynyň soňky iki sany) görkezilýär.

**54-nji öýjük. «Ýeri we senesi»**

Esasy sahypanyň 54-nji öýjüginde ÝGD-ny dolduran şahs barada maglumatlary görkezmek zerur.

Şu öýjükde mälim edilýän maglumatlar, täze setirden olaryň tertip belgileriniň goýulmagy bilen görkezilýär.

1 belgide gümrük dellaly hökmünde işi amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnamanyň belgisi we berlen senesi, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gümrük dellalyna berlen, HSUK kody, DEIDK kody, EGDK kody we HSB-si, şeýle hem gümrük dellalynyň (wekiliniň) deklarant bilen baglaşan şertnamasynyň belgisi we baglaşylan senesi (ýokarda görkezilen maglumatlaryň aralarynda «/» bölüji belgisini goýmak bilen) görkezilýär.

Eger ÝGD deklarant tarapyndan düzülýän bolsa, 1 belgide maglumat görkezilmeýär.

2 belgide ÝGD-ny dolduran şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady, onuň şahsyýetini tassyklaýan resminama barada maglumat, habarlaşmak üçin telefon belgisi, şeýle hem deklarantyň wezipe sanawynda ýa-da gümrük dellalynyň (wekiliniň) wezipe sanawynda bu şahsyň eýeleýän wezipesi görkezilýär.

3 belgide ÝGD-ny dolduran şahsyň ygtyýarlyklaryny tassyklaýan resminama barada aşakdaky maglumatlar görkezilýär:

- eger ÝGD deklarantyň ýolbaşçysy tarapyndan doldurylan bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygyna ýa-da esaslandyryjy resminamalara laýyklykda deklarantyň ýolbaşçysynyň ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamanyň belgisi we senesi;

- eger ÝGD deklarantyň ýa-da gümrük dellalynyň işgäri tarapyndan doldurylan bolsa, deklarantyň adyndan işleri amala aşyrmaga ynanç hatynyň belgisi we berlen senesi, şeýle hem onuň hereket edýän möhleti (eger şeýle möhlet bellenen bolsa) ýa-da gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmeniň hünär şahadatnamasynyň belgisi we berlen senesi.

Her esasy sahypanyň 54-nji öýjüginde we her goşmaça sahypada öýjükleriň aşagyndaky setirde ÝGD-ny dolduran şahs ÝGD-nyň doldurylan senesini goýmaly we ÝGD-da mälim edilen maglumatlary özüniň goly bilen, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ÝGD-ny düzen şahsyň möhüri bolmaly bolsa, möhürini goýmak arkaly tassyklamalydyr.

## V. Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän harytlar deklarirlenende ÝGD-ny doldurmagyň kadalary

31. Şu kadalar aşakdaky ýagdaýlarda ÝGD doldurylanda ulanylýar:

a) aşakdaky gümrük düzgünlerine ýerleşdirilýän harytlara:

- eksport;
- reeksport;
- gümrük çäginiň daşynda gaýtadan işlemek;
- gümrük ammary (türkmen harytlaryna degişlilikde);
- erkin gümrük zolagy (erkin ammar) (türkmen harytlaryna degişlilikde);
- wagtlaýyn alyp gitmek;
- paçsyz söwda (türkmen harytlaryna degişlilikde);

b) Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň 210-njy maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda bellenilen ýörite gümrük düzgünine laýyklykda, Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän hem-de tebigy heläkçilikleriň we başga adatdan daşary ýagdaýlaryň netijelerini öňüni almak we ýok etmek üçin niýetlenen türkmen we daşary ýurt harytlaryna, şol sanda adatdan daşary ýagdaýlaryň netijesinde heläkçilik çeken adamlara mugt paýlamak üçin niýetlenen harytlar we awariýa-halas ediş we beýleki gaýragoýulmasyz işleriň geçirilmegi üçin hem-de awariýa-halas ediş birlikleriniň iş ukyplylygy üçin zerur bolan harytlar;

ç) Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň 210-njy maddasynyň 1-nji bendine laýyklykda bellenilen ýörite gümrük düzgünine laýyklykda, Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän hem-de ilçihanalaryň, konsullyklaryň, halkara guramalarynyň ýanyndaky wekilhanalaryň hem-de Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky başga resmi wekilhanalarynyň işini üpjün etmek üçin niýetlenen türkmen we daşary ýurt harytlaryna;

d) Türkmenistanyň gümrük kanunçylygy bilen bellenilen başga ýagdaýlarda.

32. Deklarant ýa-da gümrük dellaly tarapyndan ÝGD-nyň aşakdaky öýjükleri doldurylýar: 1, 2, 3, 4, 5, 6, 7, 8, 9, 11, 12, 14, 16, 17, 17 (a; b), 18, 19, 20, 21, 22, 23, 24, 25, 26, 28, 29, 30, 31, 32, 33, 34, 35, 36, 37, 38, 39, 40, 41, 42, 43, 44, 45, 46, 47, «B», 48, 54.

33. ÝGD-nyň indiki öýjükleri: 3, 4, 5, 6, 7, 11, 12, 14, 16, 19, 22, 23, 24, 25, 26, 30, 31, 32, 33, 34, 35, 36, 37, 38, 39, 40, 41, 42, 43, 44, 45, 47, «B», 48, 54 şu Gollanmanyň IV bölüminde göz öňünde tutulan ÝGD-ny doldurmagyň kadalaryna

laýyklykda doldurylýar.

34. Deklarant ýa-da gümrük dellaly tarapyndan 1, 2, 8, 9, 17, 17 (a; b), 18, 20, 21, 28, 29 we 46-njy öýjükler aşakdaky kadalara laýyklykda doldurylýar:

**1-nji öýjük. «Deklarasiýa»**

Öýjügiň birinji kiçi böleginde «EK» harplaryny goýmak zerur. Öýjügiň ikinji kiçi böleginde Gümrük düzgünleriniň klassifikatory (2-nji goşundy) boýunça mälim edilýän gümrük düzgüniniň iki belgili koduny goýmak zerur.

Öýjügiň üçünji kiçi bölegi doldurylmaýar.

**2-nji öýjük. «Iberiji/Eksport ediji»**

Öýjüge ulag (daşaýyş) resminamasynyň degişli öýjüginden haryt iberiji barada maglumatlary geçirmek zerur: onuň guramaçylyk-hukuk görnüşini görkezmek bilen, ady we ýerleşýän ýeri (fiziki şahs üçin - familiýasy, ady, atasynyň ady we salgysy).

Goşmaça sahypanyň «2 Iberiji/Eksport ediji 8 Alyjy» öýjügine ulag (daşaýyş) resminamasynyň degişli öýjüginden harytlaryň iberijisi barada maglumatlary - onuň adyny (fiziki şahsyň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny) geçirmek zerur.

Harytlary iberiji barada aşakdaky maglumatlar öýjüge goşmaça girizilýär:

1) öýjügiň ýokarky böleginde «№» belgiden soň, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda iberijä berlen, HSUK kody, DEIDK kody we EGDK kody (ýokarda görkezilen maglumatlaryň aralarynda «/» bölüji belgisini girizmek bilen) goýulýar;

2) öýjügiň aşaky böleginde «№» belgisi goýulýar we aşakdakylar görkezilýär:

- eger iberiji ýuridik şahs ýa-da onuň aýrybaşgalanan düzüm birligi bolsa - Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda iberijä berlen HSB;

- eger iberiji fiziki şahs, şol sanda Türkmenistanyň çäginde hususy telekeçi hökmünde bellige alnan bolsa - harytlaryň iberijisi bolup durýan fiziki şahsyň HSB we onuň şahsyýetini tassyklaýan resminama barada maglumat.

Eger ilkibaşda mälim edilen gümrük düzgüni üýtgände deklarirlenilýän harytlar babatda halkara daşalmasy amala aşyrylmadyk bolsa, iberiji barada maglumatlar harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilmegine esas bolan ilkibaşdaky ÝGD-dan alnyp görkezilýär.

**8-nji öýjük. «Alyjy»**

Öýjüge ulag (daşaýyş) resminamasynyň degişli öýjüginden harytlaryň alyjysy barada maglumatlary geçirmek zerur: onuň guramaçylyk-hukuk görnüşini görkezmek bilen, ady hem-de Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda, alyjynyň ýerleşýän ýeriniň ýurdunyň gysga adyny goşmak bilen ýerleşýän ýeri (fiziki şahs üçin - familiýasy, ady, atasynyň ady we salgysy).

Eger harytlaryň daşalmagy (harytlaryň bir ulag serişdesinden başgasyna düşürilip ýüklenilmegi bilen) birnäçe görnüşli ulagyň ýa-da ulag serişdeleriniň

ulanylmagy arkaly amala aşyrylýan bolsa we harytlaryň halkara daşalmagynyň şertnamasynyň baglaşylandygyny tassyklamak maksady bilen düzülýän soňky ulag (daşaýyş) resminamasyny deklarant ÝGD-nyň berilýän pursadynda berip bilmeýän bolsa, daşary ykdysady geleşigine gatnaşýan daşary ýurtly şahs barada maglumatlar «Hyzmatdaş» ýazgysynyň goşulmagy bilen görkezilýär.

Eger ilkibaşda mälim edilen gümrük düzgüni üýtgände deklarirlenilýän harytlar Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilmeýän bolsa, Türkmenistanyň gümrük çäginiň daşynda eýeçiligine we (ýa-da) peýdalanylmagyna geçirilýän sahs barada maglumatlar öýjükde görkezilýär.

**9-njy öýjük. «Maliýe taýdan düzgünleşdirilmäge jogapkär şahs»**

Öýjükde aşakdaky şahslaryň biri barada maglumatlary görkezmek zerur:

- harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilmegine ýa-da ilkibaşda mälim edilen gümrük düzgüniniň (şol sanda ilkibaşda alnyp gidilen harytlar babatda) üýtgemegine ýa-da onuň hereketiniň tamamlanmagyna esas bolan, daşary ykdysady geleşik amala aşyrylanda satyn almak-satmak (alyş-çalyş) şertnamasyny ýa-da başga şertnamany baglaşan Türkmenistanyň şahsy barada (ýa-da onuň adyndan ýa bolmasa onuň tabşyrygy boýunça şu şertnama baglaşylan);
- eger deklarirlenilýän harytlar, birtaraplaýyn daşary ykdysady geleşigiň çäklerinde ýa-da hiç-hili geleşik baglaşmazdan, ýa-da diňe daşary ýurtly şahslaryň arasynda baglaşylan geleşik boýunça, Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän bolsa, ÝGD-nyň berilýän pursadynda deklarirlenilýän harytlaryň eýesi ýa-da eýelik edýän şahs barada.

Şunda guramaçylyk-hukuk görnüşini görkezmek bilen şahsyň adyny we ýerleşýän ýerini (fiziki şahs üçin - familiýasyny, adyny, atasynyň adyny we salgysyny) görkezmek zerur.

Ýokarda görkezilen şahs barada aşakdaky maglumatlar öýjüge goşmaça girizilýär:

1) öýjügiň ýokarky böleginde «№» belgiden soň, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şahsa berlen, HSUK kody, DEIDK kody we EGDK kody (ýokarda görkezilen maglumatlaryň aralarynda «/» bölüji belgisini girizmek bilen) goýulýar;

2) öýjügiň aşaky böleginde «№» belgisi goýulýar we aşakdakylar görkezilýär:

- ýuridik şahs ýa-da onuň aýrybaşgalanan düzüm birligi üçin - Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şahsa berlen HSB;
- fiziki şahs üçin, şol sanda Türkmenistanyň çäginde hususy telekeçi hökmünde bellige alnan bolsa - fiziki şahsyň HSB we onuň şahsyýetini tassyklaýan resminama barada maglumat.

**17-nji öýjük. «Barmaly ýurdy»**

Öýjükde, ÝGD-nyň berilýän gününde barmaly ýurdy hökmünde belli bolan, harytlaryň sarp ediljek, peýdalanyljak ýa-da geljekki gaýtadan işlenmegine sezewar ediljek ýurduň Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet

klassifikatoryna laýyklykda gysga adyny görkezmek zerur.

Eger şonuň ýaly ýurt belli bolmasa, onda, harytlaryň soňky eltilmeli, deklarirlenilýän pursadynda belli bolan, ýurduň gysga ady görkezilýär.

Barmaly ýurdy barada hiç-hili maglumatlaryň bolmadyk halatynda öýjükde «Näbelli» diýip görkezilýär.

**17-nji öýjük (a; b). «Barmaly ýurdunyň kody»**

Öýjügiň çep «a» kiçi böleginde ÝGD-nyň berilýän gününde barmaly ýurdy hökmünde belli bolan, harytlaryň sarp ediljek, peýdalanyljak ýa-da geljekki gaýtadan işlenmegine sezewar ediljek ýurduň Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda iki belgili harply kody görkezmek zerur.

Eger şonuň ýaly ýurt belli bolmasa, onda, harytlaryň soňky eltilmeli, deklarirlenilýän pursadynda belli bolan, ýurduň iki belgili harply kody görkezilýär.

Eger ÝGD-nyň 17-nji öýjüginde «Näbelli» diýlip görkezilen bolsa, onda öýjügiň «a» kiçi böleginde iki sany nol «00» görkezilýär.

Öýjügiň sag «b» kiçi bölegi doldurylmaýar.

**18-nji öýjük. «Kybaplamak we ulag serişdesiniň iberilende/gowşanda bellige alnan ýurdy»**

Eger harytlaryň deklarirlenmegi olaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden gidýän ýerinden başga ýerde amala aşyrylýan bolsa öýjük doldurylýar.

Öýjükde deklarirlenilýän harytlary Türkmenistanyň gümrük çäginden gidýän ýerine çenli daşamak maksady bilen, olaryň ýüklenen (ýükleniljek) ulag serişdeleri barada maglumatlary görkezmek zerur.

Eger harytlar daşalanda ulag serişdeleriniň düzümi ulanylan (ulanyljak) bolsa, onda beýleki ulag serişdesini (ulag serişdelerini) herekete getiren ulag serişdesi barada maglumatlary görkezmek zerur.

1.Öýjükde ulag serişdesi barada aşakdaky maglumatlar görkezilýär:

1) öýjügiň çep kiçi böleginde ulag serişdeleriň sany, şeýle hem aşakdakylar görkezilýär:

- awtomobil ulagy arkaly daşalanda - ulag serişdeleriniň (eger harytlar awtoulag serişdeleriniň düzümi arkaly daşalanda, hemme ulag serişdeleriniň) bellige alnyş belgileri;
- demir ýol ulagy arkaly daşalanda - demir ýol wagonlarynyň (platformalaryň, sisternalaryň we şolara meňzeşleriň) belgileri;
- deňiz (derýa) ulagy arkaly daşalanda - gämileriň atlary;
- howa ulagy arkaly daşalanda - gatnaw belgileri;

2) öýjügiň sag kiçi böleginde Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda, ulag serişdesiniň bellige alnan ýurdunyň, eger-de daşalmada ulag serişdeleriniň düzümi ulanylan bolsa, onda beýleki ulag serişdesini (ulag serişdelerini) herekete getirýän ulag serişdesiniň bellige alnan ýurdunyň iki belgili harply kody görkezilýär.

2. Eger harytlaryň deklarirlenilýän pursadynda ulag serişdesiniň (ulag serişdeleriň) bellige alnan ýurdy (ýurtlary) näbelli bolsa, öýjügiň sag kiçi

böleginde iki sany nol («00») goýulýar.

3. Eger harytlar dürli ýurtlarda bellige alnan birnäçe ulag serişdeleri arkaly daşalýan bolsa, öýjügiň sag kiçi böleginde iki sany dokuz («99») goýulýar.

4. Harytlar demir ýol ulagy arkaly daşalanda öýjügiň sag kiçi bölegi doldurylmaýar.

**20-nji öýjük. «Ibermegiň şertleri»**

Eger daşary ykdysady geleşik amala aşyrylanda baglaşylan şertnama boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmeginiň hasabyna deklarirlenilýän harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gedilende ýa-da öň alnyp gidilen harytlar babatda ilkibaşda mälim edilen gümrük düzgüni üýtgände ýa-da onuň hereketi tamamlananda öýjügi doldurmak zerur.

Şertnamanyň şertlerinden ugur alyp, öýjükde deklarirlenilýän harytlaryň iberilmeginiň şertleri barada şu aşakdaky maglumatlar görkezilýär:

- öýjügiň birinji kiçi böleginde Ibermegiň şertleriniň klassifikatoryna (5-nji goşundy) laýyklykda harytlary ibermegiň şertiniň harply kody görkezilýär.
- öýjügiň ikinji kiçi böleginde ibermegiň şertine laýyklykda, Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatory boýunça geografik ýeriniň ýerleşýän ýurdunyň iki belgili harply kody hem-de geografik ýeriň ady görkezilýär;
- öýjügiň üçünji kiçi bölegi doldurylmaýar.

**21-nji öýjük. «Kybaplamak we serhetdäki aktiw ulag serişdesiniň bellige alnan ýurdy»**

Öýjükde deklarirlenilýän harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden gidende ýerleşen (ýerleşjek) ulag serişdeleri barada maglumatlary görkezmek zerur.

Eger harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden gidende ulag serişdeleriniň düzümi ulanylan (ulanyljak) bolsa, onda başga ulag serişdesini (ulag serişdelerini) herekete getiren ulag serişdesi barada maglumatlary görkezmek zerur.

1. Öýjükde ulag serişdesi barada aşakdaky maglumatlar görkezilýär:

1) öýjügiň çep kiçi böleginde ulag serişdeleriň sany, şeýle hem aşakdakylar görkezilýär:

- awtomobil ulagy arkaly daşalanda - ulag serişdeleriniň bellige alnyş belgisi;
- demir ýol ulagy arkaly daşalanda - demir ýol wagonlarynyň (platformalaryň, sisternalaryň we şolara meňzeşleriň) belgileri;
- deňiz (derýa) ulagy arkaly daşalanda - gäminiň ady;
- howa ulagy arkaly daşalanda - gatnaw belgisi;

2) öýjügiň sag kiçi böleginde Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda, ulag serişdesiniň bellige alnan ýurdunyň, eger-de harytlar gidende ulag serişdeleriniň düzümi ulanylan (ulanyljak) bolsa, onda başga ulag serişdesini (ulag serişdelerini) herekete getirýän ulag serişdesiniň bellige alnan ýurdunyň iki belgili harply kody görkezilýär.

2. Eger harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginden gidende olaryň başga

ulag serişdesine düşürilip ýüklenilmegi amala aşyryljak bolsa we deklarant ýokarda ady agzalan ulag serişdeleri barada zerur maglumatlary (resminamalaýyn tassyklamak bilen) berip bilmeýän bolsa, onda öýjükde Ulaglaryň we harytlary ulagly daşamagyň görnüşleriniň klassifikatoryna (7-nji goşundy) laýyklykda harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden gidýän ýerinde ýerleşjek ulagyň görnüşiniň (görnüşleriniň) ady görkezilýär.

3. Eger harytlar deklarirlenilýän pursadynda ulag serişdesiniň bellige alnan ýurdy (ýurtlary) näbelli bolsa, öýjügiň sag kiçi böleginde iki sany nol («00») goýulýar.

4. Harytlar demir ýol ulagy arkaly daşalanda öýjügiň sag kiçi bölegi doldurylmaýar.

5. Eger harytlar dürli ýurtlarda bellige alnan birnäçe ulag serişdeleri arkaly daşalýan (daşaljak) bolsa, öýjügiň sag kiçi böleginde iki sany dokuz («99») goýulýar.

**28-nji öýjük. «Maliýe we bank maglumatlary»**

Harytlar hak almak şertnamalary boýunça geçirilende öýjügiň ýokarky setirinde bank tassyknamasynyň belgisi we berlen senesi görkezilýär.

**29-njy öýjük. «Giriş/çykyş edarasy»**

Öýjükde Gümrük edaralarynyň klassifikatoryna laýyklykda, deklarirlenilýän pursadynda belli bolan, harytlaryň Türkmenistanyň gümrük çäginden gidýän ýerinde ýerleşen gümrük edarasynyň koduny görkezmek zerur.

Öýjük aşakdaky halatlarda doldurylmaýar:

- alnyp gidilmegi üçin niýetlenen harytlar gümrük ammary, erkin gümrük zolagy (erkin ammar) gümrük düzgünine ýerleşdirilende;
- eger deklarirlenilýän pursadynda harytlaryň we ulag serişdeleriň Türkmenistanyň gümrük çäginden gidýän ýeri näbelli bolsa.

**46-njy öýjük. «Statistiki bahasy»**

Öýjükde gümrük statistikasynyň maksatlary üçin deklarirlenilýän harytlaryň statistiki bahasy ABŞ-nyň dollarynda görkezilýär.

Statistiki bahasy ÝGD-nyň 45-nji öýjüginde görkezilen, deklarirlenilýän harydyň gümrük bahasyny mümkin boldugyça FOB - Türkmenistanyň porty ýa-da DAP - barmaly ýeri Türkmenistanyň serhedinde nyrh binýatlaryna getirilmegi arkaly alynýar.

Harydyň gümrük bahasy ABŞ-nyň dollaryna gaýtadan hasaplananda ABŞ-nyň dollarynyň Türkmenistanyň milli walýutasyna Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ÝGD-nyň kabul edilen senesindäki bellenilen hümmeti ulanylýar.

Statistiki bahasy tegelemegiň kadalary boýunça oturdan soň ikinji belgä çenli takyklyk bilen tegelemek arkaly, bölüji belgiler we (ýa-da) boş ýerler goýulman görkezilýär.

## VI. ÝGD-nyň öýjükleriniň gümrük edarasynyň wezipeli adamlary tarapyndan doldurylmagynyň kadalary

35. Gümrük edarasynyň wezipeli adamlary tarapyndan ÝGD-nyň aşakdaky öýjükleri doldurylýar: «A», «C» we «D».

Geçirilen gümrük gözegçiliginiň netijelerini tassyklaýan bellikleri (möhürçeleri) goýmak üçin ÝGD-nyň arka tarapynyň ulanylmagyna ýol berilýär.

36. Şu kadalar gümrük edarasynyň wezipeli adamlary tarapyndan ÝGD-nyň kabul edilmegi resmileşdirilende, şeýle hem deklarirlenilýän harytlar babatda gümrük taýdan resmileşdirilmek we gümrük gözegçiligi boýunça gümrük operasiýalary ýerine ýetirilende bellikleri goýmak üçin ulanylýar.

37. Gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan ÝGD-nyň öýjükleriniň doldurylmagynyň kadalary:

**«A» öýjük. «Ugradyş/eksport ediş/barmaly edarasy»**

Öýjüginiň birinji setirinde aşakdaky görnüşde ÝGD-nyň bellige alnyş belgisi goýulýar:

XXXXX / XXXXXX / XXXXXXX, şu ýerde:
1 2 3

1 - Gümrük edaralarynyň klassifikatoryna laýyklykda, ÝGD-nyň kabul edilmegini resmileşdiren gümrük edarasynyň kody;

2 - ÝGD-nyň kabul edilen senesi (güni, aýy, ýylynyň soňky iki sany);

3 - Ýük gümrük deklarasiýalaryny bellige alnyş kitapçasy boýunça ÝGD-ny kabul eden gümrük edarasy ýa-da onuň düzüm birligi tarapyndan berilýän, ÝGD-nyň tertip belgisi (her senenama ýyly boýunça bir sanyndan başlanýar).

ÝGD-nyň bellige alnyş belgisi ÝGD-nyň kabul edilmegini resmileşdirýän wezipeli adamy tarapyndan goýulýar we belgili şahsy möhüri goýlup tassyklanylýar:

- ÝGD-nyň esasy we goşmaça sahypalarynyň «A» öýjüginiň birinji setirinde;

- ÝGD-ä goşmaçanyň her nusgasynyň ýokarky sag böleginde, eger ÝGD-ä goşmaça (şu Gollanmanyň 13-nji bendi) ulanylýan bolsa.

**«C» öýjük. «Ugradyş edarasy»**

ÝGD-nyň esasy sahypasynyň «C» öýjüginde degişli belgide gümrük taýdan resmileşdirilmesi we gümrük barlagy geçirilende gümrük edarasynyň bellikleri (ýazgylary) goýulýar.

1 belgide Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň 308-nji maddasynyň ikinji bölegi esasynda harytlaryň barlanmak möhletiniň uzaldylýan senesi (GG.AA.ÝÝ - gün, aý we ýylynyň soňky iki sany), wezipeli adamyň golunyň we belgili şahsy möhüriniň goýulmagy bilen görkezilýär.

2 belgide wagtlaýyn gümrük deklarasiýasynda doly gümrük deklarasiýasynyň berilmeli möhleti (GG.AA.ÝÝ - gün, aý we ýylynyň soňky iki

sany) wezipeli adamyň goly goýlup görkezilýär.

**«D» öýjük. «Ugradyş edarasynyň bellikleri»**

Şu öýjükde ÝGD-da degişli maglumatlary mälim edilen harytlar babatda gümrük edarasynyň kabul eden çözgüdi barada, şol sanda möhürçeler goýulmak arkaly bellikler goýulýar: harytlaryň goýberilmegi (şertli goýberilmegi), alnyp gidilmegine rugsadyň berilmegi, goýberilmegine ret edilmegi, goýberilmeginiň togtadylmagy we şolara meňzeş bellikler, şeýle hem gümrük barlagynyň we gümrük kybaplama serişdeleriniň goýulmagynyň netijeleri barada şaýatlyk edýän beýleki maglumatlar girizilýär.

## VII. ÜD-ny doldurmagyň kadalary

38. Gümrük üstaşyryna rugsady alýan şahs ýa-da gümrük dellaly tarapyndan ÜD-nyň 1, 2, 3, 4, 5, 6, 8, 15, 17, 18, 19, 22, 25, 31, 32, 33, 35, 40, 42, 44, 47, B, 50, 52, 53, 54 we 55-nji öýjükleri aşakdaky kadalara laýyklykda doldurylýar:

**1-nji öýjük. «Deklarasiýa»**

Öýjügiň çepden birinji kiçi böleginde içerki gümrük üstaşyrynda «IÜ» harplary, harytlar gümrük üstaşyry gümrük düzgünine ýerleşdirilende - «GÜ» goýulýar.

Öýjügiň çepden ikinji kiçi bölegi doldurylmaýar.

Öýjügiň çepden üçünji kiçi böleginde içerki gümrük üstaşyrynda harytlar Türkmenistana getirilen halatynda «IM» görkezilýär, harytlar Türkmenistandan alnyp gidilen halatynda - «EK», beýleki halatlarda harytlar içerki gümrük üstaşyrynyň amalyna ýerleşdirilende - «BH».

**2-nji öýjük. «Iberiji/Eksport ediji»**

Ulag (daşaýyş) resminamalaryna laýyklykda harytlaryň iberijisiniň ady we ýerleşýän ýeri görkezilýär.

**3-nji öýjük. «Sahypalar»**

Öýjügiň birinji kiçi böleginde sahypanyň tertip belgisi, çepden ikinji kiçi böleginde goşmaça sahypalary hasaba almak bilen, ÜD-nyň berilýän sahypalarynyň umumy sany görkezilýär.

**4-nji öýjük. «Ýükläp ugradyş ýöriteleşmeleri»**

Ýöriteleşmeler, sanawlar we şular ýaly beýleki resminamalar ulanylanda doldurylýar.

Berilýän ýöriteleşmeleriň, sanawlaryň we şular ýaly beýleki resminamalaryň umumy sany görkezilýär, «/» bölüji belgisinden soň bolsa bu resminamalaryň umumy sahypa sany görkezilýär.

**5-nji öýjük. «Harytlar»**

ÜD-de doldurylýan 31-nji öýjükleriň sany görkezilýär.

**6-njy öýjük. «Jemi orun»**

Haryt tapgyrynda bolan ýük orunlarynyň umumy mukdary görkezilýär. Ýükler gapgarylyp, guýlup, üýşürilip daşalanda öýjükde nol - «0» goýulýar. Eger harytlar konteýnerlerde, ýaşşiklerde ýa-da astlyklaryň (palletleriň) üstünde daşalýan bolsa, konteýnerleriň, ýaşşikleriň ýa-da astlyklaryň (palletleriň) sany görkezilýär.

**8-nji öýjük. «Alyjy»**

Ulag resminamalaryna laýyklykda harytlaryň alyjysynyň ady we ýerleşýän ýeri görkezilýär.

Bu maglumatlar goşmaça sahypanyň «2 Iberiji/Eksport ediji 8 Alyjy» öýjügine geçirilmeli.

**15-nji öýjük. «Iberiş ýurt»**

Harytlary iberiş ýurdunyň Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda gysga ady görkezilýär.

Harytlary iberiş ýurdy barada maglumatlar, harytlaryň halkara daşalmasynyň başlanylmagyna esas bolan, ulag (daşaýyş) resminamalarynda getirilen maglumatlar esasynda kesgitlenilýär.

**17-nji öýjük. «Barmaly ýurdy»**

Harytlaryň barmaly ýurdunyň Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda gysga ady görkezilýär.

**18-nji öýjük. «Kybaplamak we ulag serişdesiniň iberilende/gowşanda bellige alnan ýurdy»**

Öýjügiň çep kiçi böleginde Türkmenistanyň gümrük çägi boýunça harytlaryň üstaşyry amala aşyrylan ulag serişdesi barada maglumatlar (deňiz ýa-da derýa portunyň ady, howa gämisiniň gatnawynyň belgisi we bort belgisi, demir ýol wagonynyň belgisi, ýol ulag serişdesiniň bellige alnyş belgisi) görkezilýär.

Öýjügiň sag kiçi böleginde Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda, ulag serişdesiniň (eger ulag serişdeleri birnäçe bolsa, beýleki ulag serişdelerini herekete getirýän ulag serişdesiniň) bellige alnan ýurdunyň iki belgili harply kody görkezilýär.

Harytlar demir ýol boýunça daşalanda bellige alnyş ýurdy görkezilmeýär.

**19-njy öýjük. «Konteýner»**

Aşakdakylar goýulýar:

- «1», eger harytlar konteýnerde daşalýan bolsa;
- «0», eger harytlar konteýnerde daşalmaýan bolsa.

**22-nji öýjük. «Walýuta we hasap boýunça umumy baha»**

Öýjügiň çep kiçi böleginde Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatory boýunça täjirçilik resminamalaryna laýyklykda walýutanyň üç belgili harply kody, çepden ikinji kiçi böleginde - daşalýan harytlaryň umumy

bahasy görkezilýär.

**25-nji öýjük. «Serhetdäki ulagyň görnüşi»**

Ulaglaryň we harytlary ulagly daşamagyň görnüşleriniň klassifikatoryna (7-nji goşundy) laýyklykda, harytlaryň daşalýan ulag serişdesiniň görnüşiniň kody görkezilýär.

**31-nji öýjük. «Ýük orunlary we harytlaryň beýany»**

1 belgide täjirçilik, ulag (daşaýyş) resminamalaryna laýyklykda, harydyň gümrük edarasy tarapyndan kybaplanylmagy üçin ýeterlik bolan ady we beýany görkezilýär.

2 belgide:

- gaby bolan harytlar üçin, arasynda otur goýmak bilen, ýük orunlarynyň mukdary, Ýüküň, gaplaryň we gaplama materiallarynyň görnüşleriniň klassifikatoryna (8-nji goşundy) laýyklykda harytlaryň gaplarynyň görnüşleriniň kodlary, «-» kese çyzygy goýmak bilen her görnüşi boýunça gaplaryň mukdaryny goýmak arkaly, şeýle hem olaryň belgilenişi barada maglumatlar görkezilýär.
- ulag serişdesiniň enjamlaşdyrylan gaplarda gapgarylyp, guýlup, üýşürilip gapsyz daşalýan harytlar üçin Ýüküň, gaplaryň we gaplama materiallarynyň görnüşleriniň klassifikatoryna (8-nji goşundy) laýyklykda ýüküň görnüşiniň kody görkezilýär.

Konteýnerlerde daşalýan ýükler üçin 3 belgide konteýnerleriň mukdaryny we olaryň belgilerini görkezmek zerur.

**32-nji öýjük. «Haryt №»**

Öýjügiň çep kiçi böleginde 31-nji öýjükde mälim edilýän harydyň tertip belgisi görkezilýär.

Öýjügiň sag kiçi bölegi doldurylmaýar.

**33-nji öýjük. «Harydyň kody»**

Öýjügiň çepden birinji kiçi böleginde DYI HN boýunça dört belgiden az bolmadyk derejede harydyň kody görkezilýär.

**35-nji öýjük. «Brutto agramy (kg)»**

Öýjükde, 31-nji öýjükde degişli maglumatlary görkezilen, harytlaryň «brutto» agramyny (daşlygy öz içine alýan harytlaryň umumy agramy, konteýnerler we beýleki ulag enjamlary muňa girmeýär) kilogramda görkezilýär,

Eger harytlaryň umumy agramy bir kilogramdan köp bolsa, onda görkezilýän san bitin sana çenli tegelenýär.

**40-njy öýjük. «Umumy deklarasiýa/Ilkibaşdaky resminama»**

Eger içerki gümrük üstaşyrynyň amalyndan ýa-da gümrük üstaşyry gümrük düzgüninden öň haýsy-da bolsa bir gümrük düzgüni ýa-da gümrük amaly bolan bolsa, ÝGD-nyň ýa-da ÜD-nyň belgisi, ýa-da harytlaryň wagtlaýyn saklanylýandygyny tassyklaýan resminamanyň belgisi görkezilýär.

**42-nji öýjük. «Harydyň nyrhy»**

Öýjükde, 31-nji öýjükde mälim edilýän, harydyň täjirçilik resminamalaryna laýyklykda bahasy görkezilýär.

**44-nji öýjük. «Goşmaça maglumat/Berlen resminamalar»**

ÜD-ä goşulýan resminamalar barada maglumatlar görkezilýär.

Her bir resminama barada maglumatlar täze setirden, Gümrük taýdan resmileşdirmek mahalynda ulanylýan resminamalaryň görnüşleriniň klassifikatoryna (11-nji goşundy) laýyklykda onuň koduny goýmak bilen görkezilýär.

Öýjüge aşakdaky resminamalar barada maglumatlar girizilýär:

- rugsat beriji resminamanyň belgisi we berlen senesi, eger Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň çägi boýunça harytlaryň daşalmagyna görkezilen resminama bolanda ýol berilýän bolsa;
- ulag (daşaýyş) resminamasynyň (şol sanda HÝD kitapçasynyň) belgisi we (senesi bolan mahalynda) senesi;
- harytlaryň bahasyny tassyklaýan, täjirçilik resminamalarynyň belgileri we düzülen seneleri;
- beýleki zerur bolan resminamalar barada maglumat.

**47-nji öýjük. «Tölegleriň hasaplanylyşy»**

Öýjükde töledip alynmagy gümrük edaralarynyň üstüne ýüklenilen gümrük we beýleki tölegleriň hasaplanylyşy, şeýle hem olaryň tölenilmeginiň usuly barada maglumatlary görkezmek zerur.

Gümrük we beýleki tölegleriň hasaplanylyşy tölegiň her bir görnüşi boýunça aýratynlykda amala aşyrylýar.

Öýjükde hemme sütünler doldurylyar, şonda maglumatlar boş ýersiz girizilýär.

«Görnüşi» atly sütünde Töledip alynmagy gümrük edaralarynyň üstüne ýüklenilen gümrük we beýleki tölegleriň görnüşleriniň klassifikatoryna (13-nji goşundy) laýyklykda tölegiň görnüşiniň kody goýulýar.

«Hasaplamagyň esasy» atly sütünde Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenilýän, tölegi hasaplamak üçin töleg salynýan binýat görkezilýär.

«Möçberi» atly sütünde gümrük töleginiň bellenen möçberi görkezilýär.

«Jemi» atly sütünde tegelemegiň kadalaryna laýyklykda oturdan soň ikinji belgä çenli takyklyk bilen tegelenen, tölegiň hasaplanan pul möçberi Türkmenistanyň milli walýutasynda görkezilýär.

«TU» (tölemegiň usuly) atly sütünde Töledip alynmagy gümrük edaralarynyň üstüne ýüklenilen gümrük we beýleki tölegleri tölemegiň usullarynyň klassifikatoryna (14-nji goşundy) laýyklykda iki belgili harply kody goýulýar.

**«B» öýjük. «Hasaplamagyň beýany»**

Öýjükde, ÜD-da mälim edilýän hemme harytlar üçin tölenen we (ýa-da)

tölenilmäge degişli, tölenen we (ýa-da) tölenilmegi üpjün edilen walýutada, tölegleriň umumy pul möçberini aşakdakylary hasaba almak bilen görkezmek zerur:

a) maglumatlar tölegiň görnüşiniň her biri boýunça tölegiň tölenilendigini tassyklaýan resminamalara görä aýratynlykda görkezilýär;

b) hemme maglumatlar öz aralarynda «-» belgisi bilen bölünýärler, maglumatlaryň aralarynda boş ýeriň goýulmagyna ýol berilmeýär.

ç) tölegiň pul möçberi (tegelemegiň kadalaryna laýyklykda oturdan soň ikinji belgä çenli takyklyk bilen tegelenýär).

Tölegiň tölenilmegi barada maglumatlar aşakdaky görnüşde görkezilýär:

| XX | - | XXXXXXXXXX.XX | - | XXX | - | XX | - | XXX... | - | XX.XX.XX, şu ýerde: |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | 2 | | 3 | | 4 | | 5 | | 6 |

1 - Töledip alynmagy gümrük edaralarynyň üstüne ýüklenilen gümrük we beýleki tölegleriň görnüşleriniň klassifikatory (13-nji goşundy) boýunça tölegiň görnüşiniň kody;

2 - tölenen ýa-da tölenilmäge degişli tölegiň umumy pul möçberi;

3 - tölegiň tölenilen walýutasynyň Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatory boýunça üç belgili harply kody;

4 - Gümrük tölegleriniň tölenilmeginiň üpjün edilmeginiň görnüşleriniň klassifikatory (15-nji goşundy) boýunça gümrük töleginiň tölenilmeginiň üpjün edilmeginiň görnüşiniň harply kody;

5 - tölegiň tölenilendigini tassyklaýan resminamanyň belgisi;

6 - tölegiň tölenilendigini tassyklaýan resminama boýunça tölenilen senesi (gün, aý, ýylynyň soňky iki sany).

**50-nji öýjük. «Prinsipal»**

Gümrük üstaşyryna rugsady alan şahsyň (şahsyň wekiliniň) asyl nusgadaky golunyň goýulmagy bilen şahsyň ady (fiziki şahs üçin - familiýasy, ady, atasynyň ady, onuň şahsyýetini tassyklaýan resminama barada maglumat) we salgysy, ÜD-nyň berilýän ýeri we senesi görkezilýär.

Eger goşmaça sahypalar ulanylýan bolsa, gümrük üstaşyryna rugsady alan şahsyň (şahsyň wekiliniň) asyl nusgadaky goly goşmaça sahypalarynda öýjükleriň aşagyndaky setirde goýulýar.

Harytlar demir ýol ulagy arkaly daşalanda öýjükde menziliň jogapkär işgäriniň goly bilen senenama ýazgyly möhürçe goýulýar.

Şeýle hem, gümrük üstaşyryna rugsady daşaýjy tarapyndan alynmadyk bolsa, täze setirden daşaýjynyň ady (fiziki şahs üçin - familiýasy, ady, atasynyň ady, onuň şahsyýetini tassyklaýan resminama barada maglumat) we salgysy görkezilýär.

**52-nji öýjük. «Kepillik»**

Çepden birinji kiçi bölekde gümrük üstaşyrynda Türkmenistanyň gümrük

kanunçylygynyň berjaý edilişini üpjün etmek boýunça çäreleriň ulanylyşyny tassyklaýan resminamanyň belgisi we senesi görkezilýär, çepden ikinji kiçi bölekde Gümrük kanunçylygynyň berjaý edilişini üpjün etmek boýunça çäreleriň klassifikatoryna (16-njy goşundy) laýyklykda gümrük kanunçylygynyň berjaý edilişini üpjün etmek boýunça çäräniň kody görkezilýär.

**53-nji öýjük. «Barmaly edarasy»**

Gümrük edaralaryň klassifikatoryna laýyklykda barmaly gümrük edarasynyň kody we ady görkezilýär.

**54-nji öýjük. «Ýeri we senesi»**

Öýjük ÜD gümrük dellaly tarapyndan düzülende doldurylýar.

Şu öýjükde mälim edilýän maglumatlar, täze setirden olaryň tertip belgileriniň goýulmagy bilen görkezilýär.

1 belgide gümrük dellaly hökmünde işi amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnamanyň belgisi we berlen senesi, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gümrük dellalyna berlen, HSUK kody, DEIDK kody, EGDK kody we HSB-si, şeýle hem gümrük dellalynyň (wekiliniň) gümrük üstaşyryna rugsat alýan şahs bilen baglaşan şertnamasynyň belgisi we baglaşylan senesi (ýokarda görkezilen maglumatlaryň aralarynda «/» bölüji belgisini goýmak bilen) görkezilýär.

2 belgide ÜD-ny dolduran şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady, onuň şahsyýetini tassyklaýan resminama barada maglumat, habarlaşmak üçin telefon belgisi, şeýle hem gümrük dellalynyň (wekiliniň) wezipe sanawynda şu şahsyň eýeleýän wezipesi görkezilýär.

3 belgide gümrük taýdan resmileşdirmek boýunça hünärmeniň hünär şahadatnamasynyň belgisi we berlen senesi görkezilýär.

Her esasy sahypanyň 54-nji öýjüginde we her goşmaça sahypada öýjükleriň aşagyndaky setirde ÜD-ny dolduran şahs ÜD-nyň doldurylan senesini goýmaly we ÜD-da mälim edilen maglumatlary özüniň goly bilen, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ÜD-ny düzen şahsyň möhüri bolmaly bolsa, möhürini goýmak arkaly tassyklamalydyr.

**55-nji öýjük. «Düşürilip ýüklenilmeler»**

Daşalmagyň dowamynda harytlar bir ulag serişdesinden başga ulag serişdesine ýa-da bir konteýnerden başga konteýnere düşürilip ýüklenilende, ÜD-nyň öýjüginiň birinji üç setirleri doldurylýar, şol sanda täze ulag serişdesi (könteýner) barada maglumatlar görkezilýär.

«Ýeri we ýurdy:» ýazgyly setirde harytlaryň düşürilip ýüklenilmegi amala aşyrylýan ýeriň ady görkezilýär.

«Kybaplamak we täze ulag serişdesiniň bellige alnan ýurdy» ýazgyly setirde, ÜD-nyň 18-nji öýjügini doldurmak üçin göz öňünde tutulan kadalar boýunça, täze ulag serişdesi barada maglumat görkezilýär.

«Kont.» ýazgyly setirde aýratyn bellenen kiçi öýjükde, eger harytlar bir konteýnerden başga konteýnere düşürilip ýüklenilýän bolsa «1» görkezilýär, şonda «Täze konteýneriň belgisi» ýazgyly setiri doldurylýar, galan ýagdaýda «0»

görkezilýär.

## VIII. ÜD-nyň öýjükleriniň gümrük edarasynyň wezipeli adamlary tarapyndan doldurylmagynyň kadalary

39. Şu kadalar içerki gümrük üstaşyrynyň amaly ulanylanda ýa-da gümrük üstaşyry gümrük düzgünine gümrük taýdan resmileşdirilmegi we gümrük gözegçiligi boýunça gümrük operasiýalary ýerine ýetirilende bellikleri goýmak üçin gümrük edarasynyň wezipeli adamlary tarapyndan ulanylýar.

40. Gümrük edarasynyň wezipeli adamlary tarapyndan «A», «C», «D», «F» we «I» öýjükler aşakdaky kadalara laýyklykda doldurylýar:

**«A» öýjük. «Ugradyş/eksport ediş/barmaly edarasy»**

ÜD-nyň bellige alnyş belgisi aşakdaky görnüşde görkezilýär:

XXXXX / XXXXXX / XXXXXXX, şu ýerde:
1 2 3

1 - Gümrük edaralarynyň klassifikatoryna laýyklykda, ÜD-ny bellige alan gümrük edarasynyň kody;

2 - ÜD-nyň bellige alnan senesi (güni, aýy, ýylynyň soňky iki sany);

3 - bellige alnyş kitapçasy boýunça ÜD-nyň tertip belgisi.

ÜD-nyň bellige alnyş belgisi gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan goýulýar we belgili şahsy möhüri goýlup tassyklanylýar:

- ÜD-nyň esasy we goşmaça sahypalarynyň «A» öýjüginiň birinji setirinde;
- ÜD-ä goşmaçanyň her nusgasynyň ýokarky sag böleginde, eger ÜD-ä goşmaça (şu Gollanmanyň 23-nji bendi) ulanylýan bolsa.

**«C» öýjük. «Ugradyş edarasy»**

Gümrük edaralarynyň klassifikatoryna laýyklykda iberiş gümrük edarasynyň kody we ady görkezilýär.

**«D» öýjük. «Ugradyş edarasynyň bellikleri»**

Harytlar daşalanda ulanylýan kybaplama serişdeleri barada maglumatlar, eltilmeli möhleti (GG.AA.ÝÝ - gün, aý we ýylynyň soňky iki sany) we harytlaryň gümrük barlagyndan geçirilişi barada maglumatlar görkezilýär, bu ýazgylar iberiş gümrük edarasynyň wezipeli adamynyň goly we belgili şahsy möhüri bilen tassyklanylýar.

«Eltilmeli möhleti (senesi):» ýazgyly setirde bellenen möhletden soň harytlaryň eltilmeli ýeri görkezilýär (barmaly gümrük edarasynyň ady we onuň ýerleşýän ýeri).

Türkmenistanyň gümrük kanunçylygyna laýyklykda öýjükde beýleki maglumatlar görkezilip bilner.

**«F» öýjük. «Ygtyýarly edaralaryň tassyklamasy»**

Täze ýa-da goşmaça kybaplama serişdeleri barada maglumatlar, gümrük

edarasynyň ady, harytlar bilen ýük operasiýalarynyň geçirilmeginiň mümkinçiligi barada çözgüdi kabul eden wezipeli adamyň familiýasy görkezilýär, bu ýazgylar onuň goly we belgili şahsy möhüri arkaly, ýük operasiýalarynyň geçirilen senesi goýlup, tassyklanylýar.

**«I» öýjük. «Barmaly edarasynyň gözegçiligi»**

Çepden birinji kiçi bölekde:

- «Gelen senesi:» ýazgyly setirde harytlaryň eltilmeli ýerine ulag serişdesiniň gelmeginiň bellige alnan senesi (GG.AA.ÝÝ - gün, aý we ýylynyň soňky iki sany) görkezilýär
- «Plombalary barlamak» ýazgyly setirde kybaplama serişdeleriniň bitinliginiň barlanylmagynyň netijesi boýunça «Bozulan» diýen ýa-da «Bozulmadyk» diýen ýazgy edilýär.
- administratiw hukuk bozulmasynyň alamatlary ýüze çykarylanda «Teswirler:» ýazgyly setirde «AHB alamatlary ýüze çykaryldy» diýen ýazgy edilýär we administratiw hukuk bozulmasy barada maglumatlar görkezilýär.

Türkmenistanyň gümrük kanunçylygyna laýyklykda öýjükde beýleki maglumatlar görkezilip bilner.

Görkezilen maglumatlar gümrük edarasynyň wezipeli adamynyň goly we belgili şahsy möhüri bilen tassyklanylýar.